TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– OBA HOJALYK IŞGÄRLERINIŇ ÇEKÝÄN YHLASLY WE TUTANÝERLI ZÄHMETI NETIJESINDE SAHAWATLY TÜRKMEN TOPRAGYNDA EKINLERIŇ BOL HASYLY KEMALA GETIRILÝÄR, AZYK BOLÇULYGY HAS-DA PUGTALANDYRYLÝAR.

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

6-njy fewral, 2026. Belgisi 6/1676



# AZYK BOLÇULYGYNY ÜPJÜN ETMEK – DÖWLET ÄHMIÝETLI WEZIPE

***2-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.***

Maslahatda welaýatlaryň häkimleri sebitlerde dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdiler. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda welaýatlaryň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri, hususan-da, ekini mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri alnyp barylýar. Şu ýylyň pagta hasylynyň düýbüni tutmaga taýýarlyk görmegiň çäklerinde meýdanlarda sürüm işleri tamamlaýjy tapgyrda dowam edýär. Şunuň bilen birlikde, tekizleýiş, geriş çekmek, topragy mineral dökünler bilen gurplandyrmak işleri geçirilýär. Pagta öndürijileri ýokary hilli tohum bilen üpjün etmek maksady bilen, gowaça çigidini taýýarlamak, ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny abatlamak, talabalaýyk saklamak boýunça zerur işler alnyp barylýar. Ýeralma, gök-bakja ekinleriniň ekiljek ýerlerini hem-de tohumyny ýazky ekiş möwsümine taýýarlamak babatda zerur çäreler görülýär.

Şeýle hem häkimler welaýatlaryň çägindäki ýaşaýyş jaýlarynyň, edara-kärhanalaryň, medeni-durmuş maksatly binalaryň ýyladyş ulgamlaryny talabalaýyk işletmek, ilaty elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün etmek boýunça amala aşyrylýan işler, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna», Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işlerini ýokary derejede guramagyň zerurdygyna ünsi çekdi we bugdaýa ideg etmek, ýazky ekiş möwsümine taýýarlyk işleriniň agrotehniki möhletlerde, talabalaýyk geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalara laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli we öz wagtynda ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamak barada tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew Diýarymyzda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, ekerançylyk meýdanlarynda möwsümleýin işler dowam edýär. Olaryň çäklerinde welaýatlaryň bugdaý ekilen ýerlerinde agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg etmek işleri alnyp barylýar. Şu ýylyň pagta hasylynyň düýbüni tutmaga taýýarlyk görmegiň çäklerinde sürüm işleri tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Tekizleýiş, geriş, çil çekmek işleri dowam edýär. Şeýle hem gowaça ekiljek meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýuwuş suwy tutulýar. Şunuň bilen birlikde, pagta öndürijiler üçin ýokary hilli gowaça tohumyny möwsüme taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak babatda öňde goýan wezipelerinden ugur alnyp, welaýatlarda ýeralmanyň, gök-bakja ekinleriniň ekiljek meýdanlaryny sürmek we tekizlemek, olaryň tohumyny taýýarlamak bilen bagly zerur işler durmuşa geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda oba hojalyk pudagynyň azyk bolçulygyny üpjün etmek bilen bir hatarda, ýurdumyzyň senagat taýdan ösüşiniň hem hereketlendiriji güýji bolup durýandygyny aýtdy we oba hojalyk önümçiliginiň ähli tapgyrlaryna öňdebaryjy tejribäni, döwrebap usullary, innowasion çemeleşmeleri giňden ornaşdyrmagyň zerurdygyny belläp, wise-premýere pudagy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, dowam edýän möwsümleýin işleriň wajyp ähmiýetine ýene bir gezek ünsi çekdi we welaýatlaryň gowaça ekiljek ýerlerinde sürüm, tekizlemek, Lebap welaýatynda ýuwuş suwuny tutmak işleriniň agrotehniki kadalara laýyk ýerine ýetirilmegini, pagta öndürijileriň ýokary hilli gowaça tohumy bilen öz wagtynda ýeterlik möçberde üpjün edilmegini, ýazky ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalarynyň we gurallaryň möwsüme talabalaýyk taýýarlanylmagyny, welaýatlaryň bugdaý meýdanlarynda ideg işleriniň agrotehniki möhletlerde geçirilmegini, ýeralmanyň, gök-bakja ekinleriniň ýazky ekişine gowy taýýarlyk görülmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Mary welaýatynda ýetişdirilen gant şugundyrynyň hasylyny ýygnamak işlerini, bugdaý we pagta öndürijiler bilen hyzmat ediji edara-kärhanalaryň arasynda ýerine ýetirilen işler boýunça hasaplaşyklaryň geçirilişini berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. Şunuň bilen birlikde, welaýatlarda ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň ýyladyş ulgamlarynyň kadaly işledilmegi, ilatyň elektrik energiýasy, tebigy gaz we agyz suwy bilen üpjünçiligini gözegçilikde saklamak, ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna, Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, sebitlerde şu ýyl üçin meýilleşdirilen işleriň öz wagtynda, ýokary hilli ýerine ýetirilmegi ugrunda zerur çäreleri görmek babatda tabşyryklar berildi.

# TÜRKMEN BEDEWI – ULY ÜSTÜNLIKLERIŇ NYŞANY

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan milli gymmatlyklary täzeçe many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar. Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belleýşi ýaly: «Türkmen bedewleri gadymy topragymyzyň gudratydyr, öý-ojagymyzyň ýaraşygydyr, bahasyna ýetip bolmajak milli baýlygymyzdyr». Bu jümleler türkmen bedewiniň halkymyzyň ykbalyndaky ornuny doly açyp görkezýär. Şoňa görä-de, «At – myrat» diýen ýörelgäni döreden halkymyz özüniň iň nurana arzuwlaryny we beýik maksatlaryny hemişe ahalteke bedewleri bilen baglanyşdyrypdyr. Bedewler türkmen halkynyň ýaşaýyş ýörelgesiniň, medeniýetiniň we ruhy dünýäsiniň aýrylmaz bölegidir. Gahryman Arkadagymyzyň parasatly ýörelgeleri we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ahalteke bedewleriniň şan-şöhraty has-da belende galyp, bütin dünýäde dabaralanýar.***

Türkmen halky öz durmuşyny bedew atsyz göz öňüne getirmändir. Halkymyz şatlykly gününde dabaraly toý tutup, at çapdyrypdyr, asyrlaryň dowamynda halkyň göwün guşy atyň bady bilen ganatlandyrylypdyr. Watanyň üstüne howp abananda bolsa, är ýigitler özüniň syrdaş bedewine atlanyp ýurdy gorapdyrlar. Şeýle pursatlarda bedew at ýigit üçin iň wepadar gardaş hem syrdaş hasaplanypdyr.

Halkymyzyň zehini we yhlasy bilen kemala getirilen ahalteke bedewleriniň taryhy örän uzaklardan gözbaş alýar. Bu bedewler dünýä atşynaslygynyň özeni bolmak bilen, owadanlygy, çydamlylygy we çeýeligi babatda beýleki tohumlardan düýpli tapawutlanýar.

Ahalteke bedewleri irki döwürlerden bäri türkmen edebiýatynyň we nusgawy şahyrlarymyzyň ylham çeşmesi bolup, «Gorkut ata», «Görogly» şadessanlarynda edermenligiň hem-de wepalylygyň nusgasy hökmünde suratlandyrylýar. Beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy özüniň «Aty gerek» atly goşgusynda goç ýigidi bedew atsyz göz öňüne getirmegiň mümkin däldigini nygtaýar. Şeýle hem Seýdi, Magrupy, Mollanepes, Mätäji ýaly söz ussatlarynyň döredijiliginde bedewleriň waspy belentden ýaňlanýar. Gahryman Arkadagymyzyň «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitabynda: «Ahalteke bedewi – eýýamlaryň bedewi. Olarda ähli döwürleriň tejribesi jemlenendir» diýip bellemegi bedewleriň dünýä medeniýetiniň genji-hazynasydygyny tassyklaýar. Şeýle hem Milli Liderimiz «Gadamy batly bedew» atly eserinde: «Dünýä giň hem müň öwüşginli, täsin mana baýdyr! El bilen döredip bolmajak haýran galdyryjy sazlaşykly ýaşaýşyň menzillerinden




mynasyp ötmegi üçin, janyňa jan goşýan üç badaşygyň biri hem bedewdir» diýip, bedewiň ynsan ruhundaky ornuny beýan edýär.

Ýurdumyzda atçylygy we atçylyk sportuny ösdürmegiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny döwrebaplaşdyrmak maksady bilen uly işler amala aşyrylýar. Arassa ganly tohum atlaryň genofonduny gorap saklamaga gönükdirilen «Atçylyk we atçylyk sporty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bu ugurdaky gatnaşyklary düzgünleşdirmekde taryhy ädim boldy. Bu Kanun tohumçylyk işini kämilleşdirmek, milli özeni gorap saklamak we köpeltmek üçin hukuk kepilliklerini döretdi. Arkadag şäherinde bina edilen Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy, Atçylyk ylmy önümçilik merkezi hem-de Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirki bu pudagy ylmy esasda ösdürmekdäki nusgalyk işleriň buýsançly dabaralanmasydyr. Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda «Ahalteke atlary – parahatçylygyň ilçileri» atly ÝUNESKO klubunyň döredilmegi bolsa, türkmen halkynyň medeni-ruhy bitewüligini dabaralandyrýar. Mundan başga-da, «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleriniň» ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi halkymyzyň gymmatlyklarynyň dünýä derejesindäki ähmiýetini has-da berkitdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary 2007-nji ýylda döredileninden bäri türkmen bedewleriniň at-abraýyny bütin dünýä ýaýyp gelýär. Toparyň zehinli ýaşlary milli at üstündäki oýunlaryň – çapyp barýan atyň üstünde dürli aşyrymlar etmek, çylşyrymly tilsimleri ýerine ýetirmek ýaly gadymy sungaty täzeçe ösdürýärler. ■ 2

## Bagtyýar halkymyz belent maksatlar bilen öňe barýar



Bagtyýar halkymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda erkana ýaşaýar, döredýär, gurýar. Bedew batly ösüşli ýurtda her bir günümiz-aýymyz altyn harplar bilen taryha ýazylýar. Geçen 2025-nji ýyl halkara ähmiýetli taryhy wakalary bilen ýurdumyzy ösüşleriň täze belentliklerine ýetirdi. Bu ýylda ýurdumyzyň içeri hem-de daşary syýasatynda ýetilen sepgitler, gazanylan üstünlikler Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň dünýä bileleşigindäki abraýyny has-da pugtalandyrdy. ■ 3

## Sanly ykdysadyýet – ösüşiň möhüm şerti



Sanly ykdysadyýeti ösdürmek we emeli aň tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmak häzirki zaman dünýä ykdysadyýetiniň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde ýurdumyzda sanlylaşdyrma we tehnologiýa innowasiýalaryna aýratyn üns berilýär. Şu maksatlardan ugur alyp, döwlet Baştutanymyz tarapyndan 2026–2028-nji ýyllar üçin «Sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» tassyklanyldy, şeýle-de onuň çäklerinde degişli döwlet maksatnamasy we hereket meýilnamasy kabul edildi. ■ 3

## Halkara duşuşyga ykjam taýýarlyk görülýär



Soňky ýyllarda Türkmenistan halkara sport hyzmatdaşlygyny yzygiderli ösdürip, halkara duşuşyklaryň geçirilýän ýerine öwrüldi. Ýurdumyzda gurlan döwrebap sport infrastrukturalary, ýaryşlaryň ýokary guramaçylyk derejesi hem-de halkara sport guramalary bilen alnyp barylýan netijeli hyzmatdaşlyk iri sport çäreleriniň üstünlikli geçirilmegine giň mümkinçilik döredýär.

Aşgabatda we beýleki şäherlerde gurlan stadionlar, köpugurly sport toplumlary hem-de Olimpiýa şäherçesi halkara talaplara doly laýyk gelýär. Bu şertler futbol, ýeňil atletika, tennis, göreş we beýleki sport görnüşleri boýunça halkara derejeli ýaryşlary geçirmek üçin ygtybarly binýat bolup hyzmat edýär. ■ 2

## Dünýäniň ilaty 8,2 milliarda ýetdi

1804-nji ýylda Ýer ýüzüniň ilaty 1 milliard adama ýetenden soňra, geçen asyryň dowamynda bu görkeziji sekiz esse artdy. ■ 4

## Balyklar buzuň astynda nädip ýaşaýar?!

Gyş paslynyň gelmegi bilen janly-jandarlardyr mör-möjekleriň köpüsi gyş ukusyna gidýär. ■ 5

## Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyrynyň bijeleri belli boldy

UEFA Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyrynyň bijeleri çekildi. Bijä laýyklykda, sanawy 9-njy ýerde tamamlan «Real Madrid» bilen «Benfika» duşuşar. ■ 7

## Şu gün XXV gyşky Olimpiýa oýunlaryna badalga berler

Şu gün Italiýanyň Lombardi welaýatynyň çäginde ýerleşýän Milan şäherinde we Kortina-d'Ampezzo şäherçesinde XXV gyşky Olimpiýa oýunlaryna badalga berler. ■ 8



# TÜRKMEN BEDEWLERINIŇ ŞÖHRATY BELENDE GALÝAR

*4-nji fewralda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda we Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde bolup, «At – myrat» okuw merkeziniň çagalary, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary bilen duşuşdy.*

Ir bilen Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň ýapyk manežine gelende, Milli Liderimizi akademiýanyň rektory P.Baýramdurdyýew we Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň hem-de Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň wise-prezidenti B.Rejepow mähirli garşyladylar.

Ýapyk manežde «At – myrat» okuw merkeziniň çagalary Gahryman Arkadagymyzy şatlyk-şowhun bilen mübäreklediler. Merkeziň ýolbaşçysy öz aralaryna gelip, bu ýerde alnyp barylýan işler bilen gyzyklanýandygy we ýaşlara milli atşynaslyk däplerini ylmy esasda öwretmek ugrunda döredilýän şertler üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirdi. Häzirki döwürde hormatly Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda döredilen Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň garamagynda bolan, milli atşynaslaryň täze nesliniň kemala gelmeginde möhüm orun eýeleýän «At – myrat» okuw merkezi atşynaslyk bilen gyzyklanýan ýaşlary özünde jemleýär. Atçylyga höwes edýän çagalar çapyksuwarlyk, milli at üstündäki oýunlar, atly sporty özleşdirmek ýaly ugurlar boýunça tälim alýarlar.

Halk Maslahatynyň Başlygy bu ýerde bilim alýan çagalaryň okuwlary, olaryň milli atşynaslyk däplerini çuňňur özleşdirmekleri babatda alnyp barylýan işler bilen gyzyklandy.

Merkeziň ýolbaşçysy milli we dünýä atçylyk sungatynyň usullaryny, iňlis, rus dillerini, matematika, himiýa derslerini özleşdirmek, çagalaryň kompýuter sowatlylygyny ýokarlandyrmak boýunça toplumlaýyn esasda geçilýän okuwlar barada giňişleýin maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, merkezde okuwlar möwsümleýin esasda alnyp barlyp, her möwsümde okamaga isleg bildirýän çagalaryň sany 40-dan geçýär.

«At – myrat» okuw merkeziniň ýaş mugallymlarynyň biri Arkadag şäherinde çagalara degişli ugurlar boýunça bilim-terbiýe bermek bilen bir hatarda, milli atçylyk ugry boýunça ylmy iş bilen meşgullanmak üçin hem ägirt uly mümkinçilikleriň döredilendigini aýdyp, Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize merkeziň mugallymlarynyň adyndan hoşallygyny bildirdi.

Milli Liderimiz «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda merkezde bilim alýan çagalar bilen duşuşmak üçin ýörite gelendigini aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz häzirki döwürde ýurdumyzda ýaşlarda ahalteke bedewlerine söýgini döretmek ugrunda ägirt uly işleriň alnyp barylýandygyny, ýaşlarymyzyň döwrebap bilim almaklary, okuwdan boş wagtlaryny netijeli peýdalanmaklary üçin zerur şertleriň döredilýändigini nygtady. Bellenilişi ýaly, bedewe atlanan ýaşlarda mertlik, batyrlyk ýaly häsiýetler kemala gelýär. Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň «At – myrat» okuw merkezi hem ýaşlara dürli ugurlar boýunça bilim bermekde netijeli işleri alyp barýar.

Milli Liderimiz bu ýerde çagalaryň atçylyga degişli hünärleri saýlap almaklary üçin hemme mümkinçilikleriň döredilendigini aýdyp, olarda bedewlere söýgini artdyrmak maksady bilen, okuw merkezine Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan 1 million 500 müň manat möçberinde pul sowgadynyň berilýändigini aýtdy. Gahryman Arkadagymyz ata höwesli ýaşlara niýetlenen sowgady gowşurdy we «Sylaglaryňyz gutly bolsun, nesip etsin!» diýip, olara hoşniýetli arzuwlaryny beýan etdi.

«At – myrat» okuw merkeziniň ýolbaşçysy we bu ýerde bilim alýan ýaşlar bildirilen hormat-sylag üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden çykýan hoşallyklaryny beýan etdiler. Şeýle hem olar döredilýän mümkinçiliklerden netijeli peýdalanyp, ussat atşynaslar, ökde çapyksuwarlar bolup ýetişmek ugrunda ähli tagallalaryny gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdylar. Haýyr-sahawat gaznasynyň gönükdiren bu serişdeleri okuw merkeziniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň has-da berkidilmegine, ýaşlaryň sanly ulgamy işjeň özleşdirmeklerine ýardam berer.

Soňra Gahryman Arkadagymyz merkeziň ýolbaşçylarynyň we okuwçylaryň haýyşy boýunça olar bilen iki sany bedewiň ýanynda ýadygärlik surata düşdi. Munuň özi ykbalyny atçylyga baglamak isleýän ýaşlaryň saýlap alan hünärine höwesiniň, ýurdumyzda ahalteke bedewlerine aýratyn gadyr goýulýandygynyň nobatdaky beýanyna öwrüldi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy merkezde bilim alýan ýaşlara milli atşynaslyk däplerini içgin özleşdirmekde we ony has-da ösdürmekde uly üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkine tarap ugrady.

Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkine gelende, Gahryman Arkadagymyz «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary tarapyndan mähirli garşylanyldy.

Milli Liderimiz toparyň agzalary bilen mähirli salamlaşyp, olary «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ilkinji günlerinde gelip gowşan hoş habar bilen tüýs ýürekden gutlady. Mälim bolşy ýaly, Monte-Karlo şäherinde geçirilen halkara sirk festiwalynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna goşan uly goşandy üçin halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy bagtyýar halkymyz üçin ýatdan çykmajak wakalaryň biri boldy.

Gahryman Arkadagymyz Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň, «At – myrat» okuw merkeziniň, Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň, Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň döredilmeginiň ýaşlaryň atçylyk, atşynaslyk sungaty boýunça bilimini kämilleşdirmäge ýardam edýändigini aýdyp, häzirki döwürde ýurdumyzda türkmen bedewiniň şanyna toýlaryň uludan tutulýandygyny, şolaryň esasy bezeginiň bolsa «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparydygyny nygtady.

Duşuşykda toparyň agzalarynyň atşynaslyk sungatyny ösdürmek ugrunda uly işleri alyp barýandyklary, olaryň at üstünde görkezýän oýunlarynyň dünýä halklaryny haýran galdyrýandygy, toparyň ençeme halkara ýaryşlarda üstünlikli çykyş edip, Baş baýraklara mynasyp bolandygy bellenildi. Milli atçylyk sungatyny ösdürmek babatda mundan beýläk-de uly işler durmuşa geçiriler. «Türkmen milli atçylyk sungatynyň at-abraýyny belende galdyrmakda alyp barýan işleriňiz üçin hormatly Prezidentimiz sizi gutlap, öz minnetdarlygyny bildirdi. Döwlet Baştutanymyz toparyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek maksady bilen, sizi 3 million manat bilen sylaglamak barada karara geldi» diýip, Gahryman Arkadagymyz degişli çözgüdi mälim etdi.

Milli Liderimiz «Şa serpaýyňyz gutly bolsun! Nesip etsin!» diýip, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ýolbaşçysyna onuň agzalarynyň mynasyp bolan sylagyny hem-de toparyň agzalarynyň her birine nepislik bilen ýasalan at eýerlerini gowşurdy.

«Galkynyşyň» ýolbaşçysy milli atçylyk sungatyny dünýä ýaýmak we ony ösdürmek ugrunda döredilýän mümkinçilikler, döwlet tarapyndan berilýän goldaw hem-de Şa serpaýy üçin toparyň agzalarynyň we ähli atşynaslaryň adyndan hormatly Prezidentimize hem-de Gahryman Arkadagymyza hoşallyk sözlerini beýan etdi. Şeýle-de ol türkmen atçylyk sungatyny mundan beýläk-de ösdürmek, halkara derejede geçirilýän bäsleşiklere işjeň gatnaşyp, milli atşynaslyk ýörelgeleriniň, ahalteke atlarynyň abraýyny belende galdyrmak ugrunda ähli tagallalaryny gaýgyrmajakdyklaryna ynandyryp, Gahryman Arkadagymyzdan özleri bilen ýadygärlik surata düşmegini haýyş etdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri manežde Garaşsyz atly ajaýyp bedewe atlanyp, olaryň arasyna geldi. Toparyň agzalary Gahryman Arkadagymyzyň daşynda jem bolup, bilelikde ýadygärlik surata düşdüler.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy bedewe atlanyp, manežiň aýlawynda öwrüm etdi. Ynsan gylykly bedew aýaklary bilen gelşikli oýun edip, ynsan bilen bedewiň arabaglanyşygyny äşgär etdi. Milli atşynaslyk däpleriniň özboluşly mekdebini döreden Aba Annaýewiň ajaýyp atlary ösdürip ýetişdirendigini, ömrüni atşynaslyga bagyşlan ussat seýsiň elinden çykan bedewiň ady rowaýata öwrülen Gelşikli atly bedewiň nesil ugrunyň gözbaşynda durýandygyny taryhy maglumatlar tassyklaýar. Hormatly Arkadagymyzyň bedewe atlanan pursatlary hem häzirki bagtyýar zamanamyzda peder-perzent ýolunyň döwrüň ruhuna kybap derejede ösdürilýändigini aýdyň görkezýär.

Soňra Gahryman Arkadagymyz toparyň agzalaryna Garaşsyz atly ajaýyp bedewi sowgat hökmünde gowşurýandygyny aýtdy. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyza 35 ýyl bolýandygy nazara alnanda, bu sowgat ýurdumyzyň ösüşleriniň özboluşly nyşany bolup durýar.

Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň rektory P.Baýramdurdyýewiň we Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň hem-de Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň wise-prezidenti B.Rejepowyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda atçylyk bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.



## Emeli aň rekord peýda getirdi

«Samsung Electronics» kompaniýasynyň peýdasy geçen ýylyň soňky çärýeginde üç esse artyp, rekord derejä ýetipdir. Kompaniýa diňe telefon däl, eýsem, dürli ätiýaçlyk şaýlaryny hem öndürýär. Kompaniýanyň öndürýän emeli aň çiplerine bolan islegiň ýokarlanmagy girdejisini artdyrypdyr. Kompaniýanyň ýolbaşçylary şu ýyl hem güýçli çiplere islegiň ýokary bolmagyna garaşýarlar. 2025-nji ýylyň Oktýabr-dekabr aýlarynda kompaniýanyň peýdasy 20 trillion won (13 milliard 657 million amerikan dollaryndan gowrak) bolupdyr. Bu görkeziji ozalky ýylyň degişli döwründe 6,49 trillion won (4 milliard 431 million amerikan dollaryndan gowrak) bolupdyr. Degişli döwürde kompaniýanyň girdejisi 24 göterim artyp, 93,8 trillion won (64 milliard amerikan dollaryndan gowrak) bolupdyr.

Kompaniýanyň ekran önümçilik bölüminiň peýdasy «Apple»-yň «iPhone 17» seriýasyna bolan islegiň ýokarlanmagy bilen iki esseden gowrak artyp, 2 trillion wona (1 milliard 365 million amerikan dollaryndan gowrak) ýetipdir.

**Mähriban MEREDALIÝEWA,**
*TMÝG-nyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynyň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.*

## Ýyly uly girdeji bilen jemledi

Norwegiýanyň döwlet pensiýa gaznasy geçen ýyl 15,1% girdeji gazandy. Gaznanyň girdejilerine, esasan, paýnamalara goýlan maýa goýumlar uly goşant goşdy. Gaznanyň bu ugurdaky girdejisi 19,3%-e ýetipdir. Şeýle hem gazna yzygiderli girdeji getirýän gozgalýan gymmatly, gozgalmaýan we gaýtadan dikeldilýän energiýa pudagynda hem girdeji alypdyr. Geçen ýyl tehnologiýa, maliýe we çig mallar pudagyndaky girdeji has ýokarlanypdyr. Netijede, gaznanyň umumy gymmaty 1,5 trillion norweg kronyndan gowrak artyp, 21,2 trillion bolupdyr.

Doly ady «Norges Bank Investment Management» (NBIM) bolan gazna 1990-njy ýyllarda ýurduň nebit-gaz pudagyndan alýan girdejilerini daşary ýurtlarda maýa goýmak arkaly girdeji çeşmesine öwürmek maksady bilen esaslandyrylýar. Dünýäniň iň uly maýa goýum gaznasy hasaplanýan NBIM Norwegiýanyň parlamenti tarapyndan taýýarlanan indekse görä hereket edýär.

**Ogulşat GARAJAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň talyby.*



## Türkmen bedewi – uly üstünlikleriň nyşany

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Halkymyzyň göz guwanjyna deňelýän behişdi bedewler dünýä medeniýetiniň gaýtalanmajak täsinligi hökmünde ykrar edilýär. Ahalteke bedewleriniň dünýä atşynaslygynyň taryhynda möhüm orny eýeländigini, uzak aralyklar boýunça ýörişlere gatnaşyp, çydamlylygyny we durnuklylygyny görkezendigini aýratyn bellemek gerek. Olar özboluşly beden gurluşy, ýuka derisi, ýüpek ýaly ýallary we gamyşgulaklygy bilen haýran galdyrýar. Bedewler diňe bir gözelligiň däl, eýsem, batyrlygyň, mertligiň hem nusgasydyr. Dünýäniň iň abraýly atşynaslary ahalteke tohumynyň beýleki köp sanly at tohumlarynyň, şol sanda iňlis atynyň hem kemala gelmegine düýpli täsir edendigini ylmy esasda tassyklaýarlar. Şonuň üçin hem türkmen bedewi dünýä at medeniýetiniň sakasynda duran gymmatlykdyr.

Häzirki wagtda Arkadag şäherinde açylan Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda talyplaryň at münmegiň ýokary mekdebiniň tilsimlerini, emellerini we syrlaryny özleşdirmekleri üçin ähli şertler döredildi. Bu ýerde bilim alýan ýaşlar diňe bir at çapmagy däl, eýsem, bedewleri iýmitlendirmegiň, seýislemegiň we idetmegiň ylmy esaslaryny öwrenýärler.

Ata-babalarymyzda «Mal eýesiniň gözünden suw içer» diýen söz bar. Ahalteke atlary bilen eýesiniň arasyndaky baglanyşygy söz bilen beýan edip bolmaýar. Bedew örän syzgyrlygy, duýgurlygy we eýesine wepalylygy bilen tapawutlanýar. Bedew at – türkmen halkynyň köňül guşy, ar-namysy, uçar ganaty, syrdaşy hem wepadar ýoldaşydyr. «Bedewe gowy seretseň, bakyp-bejerseň, ol saňa zürýadyň ýaly hem syrdaş, hem ýoldaş bolar» diýen ýörelge bilen ýetişdirilen bedewler häzirki wagtda döwletliligiň we wepalylygyň nyşanydyr. Atçylyk sportunyň, at üstünde oýnalýan milli oýunlaryň, seýisçiligiň we çapyksuwarçylyk sungatynyň ösdürilmegi bu ulgama uly üns berilýändigini görkezýär.



Bedew bady bilen öňe barýan ýurdumyzda gazanylýan üstünlikler halkymyzy buýsandyrýar we täze sepgitlere ruhlandyrýar. Kärine ussat halypa atşynaslarymyza «Türkmenistanyň halk atşynasy», «Türkmenistanyň ussat halypa çapyksuwary» ýaly hormatly atlaryň berilmegi bu asylly käriň eýelerine goýulýan sarpanyň nyşanydyr. Ahalteke atlarynyň muşdaklarynyň sany diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, daşary ýurtlarda-da barha artýar. Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň mejlisleri we yzygiderli geçirilýän bäsleşikler bu gatnaşyklaryň täze derejä çykýandygyny subut edýär.

Ýer ýüzünde behişdi bedewlerimiziň şan-şöhratyny belende galdyrýan, milli mirasymyzy gorap saklaýan we ony geljekki nesillere ýetirýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Ýunus MUHAMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri.*

## Halkara duşuşyga ykjam taýýarlyk görülýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

«Arkadag» futbol topary bilen halkara derejesinde tanalýan «Al-Nassr» futbol toparynyň arasynda geçiriljek möhüm duşuşyga ykjam taýýarlyk görülýär. Gahryman Arkadagymyzyň paýtagtymyzdaky Olimpiýa şäherçesinde bolup, Olimpiýa stadionynyň taýýarlyk derejesi bilen tanyşmagy hem bu duşuşyga döwlet derejesinde uly ähmiýet berilýändiginiň subutnamasydyr. Sagdyn durmuş ýörelgeleriniň işjeň tarapdary bolan Gahryman Arkadagymyz soňky ýyllarda halkara giňişlikde uly üstünliklere eýe bolýan «Arkadag» toparynyň ýeňiş gazanmagynyň ýurdumyz üçin uly abraýdygyny, bu duşuşygyň biziň halkymyz üçin toý-baýrama öwrüljekdigini belledi.



Bu duşuşyk diňe bir sport bäsleşigi bolman, eýsem, halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrýan, sport arkaly halkara hyzmatdaşlygyny ösdürýän möhüm waka hökmünde taryha girer. Duşuşygyň ýokary guramaçylyk derejesi, stadionyň döwrebap üpjünçiligi hem-de janköýerleriň uly gyzyklanmasy ýurdumyzyň halkara sport çärelerini geçirmäge doly taýýardygyny görkezýär.

«Arkadag – Al-Nassr» toparlarynyň duşuşygy türkmen futbolynyň ösüş derejesini görkezmek bilen bir hatarda, türgenleriň tejribe almagyna hem giň ýol açar. Şeýle duşuşyklar milli futbolyň abraýyny ýokarlandyrýar, ýaşlary sport bilen meşgullanmaga ruhlandyrýar we ýurduň halkara sport giňişligindäki ornuny has-da berkidýär.

Ýeri gelende belläp geçsek, «Arkadag» futbol topary 2023-nji ýylda döredildi. Bu futbol topary Arkadag şäheriniň adyny göterýär we özüniň ilkinji möwsümlerinde türkmen futbolynda üstünlikli çykyş edip, ýurdumyzyň çempionatynda hem-de kubok ýaryşlarynda ýokary netijeleri görkezmäge başlady. Saud Arabystanynyň «Al-Nassr» (Al-Nassr FC) futbol topary bolsa 1955-nji ýylda Er-Riýad şäherinde döredildi. Klub ýurduň iň abraýly futbol toparlarynyň biri bolup, öz meýdançasyndaky oýunlary «King Saud University» stadionynda geçirýär. Bu toparda dünýä belli futbolçylar oýnaýarlar.

**Nurana SAPAROWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*



## Halkara howa gatnawy artýar

Halkara howa gatnawlary bileleşiginiň (IATA) maglumatyna görä, geçen ýyl dünýäde howa gatnawy 5,3% artyp, uçarlaryň dolulyk görkezijisi ortaça 83,6% boldy. Maglumata görä, halkara gatnawlara isleg 7,1% ýokarlanypdyr. Iň uly ösüş Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde hasaba alnypdyr. Bu sebitde howa gatnawyna isleg 10,9% artyp, uçarlaryň dolulyk görkezijisi 84,4% bolupdyr. Ýewropada isleg 6% artyp, uçarlaryň dolulygy 84,1% bolupdyr. Ýakyn Gündogarda 6,7%, Demirgazyk Amerikada 2,1% ösüş gazanylypdyr. Afrikada ýolagçy peteklerine isleg 7,8% artypdyr.

IATA-nyň Baş direktory Willi Walş bu ösüşi pandemiýadan soňky güýçli dikelişden bäri pudagyň uzakmöhletli ösüşine gaýdyp gelendigini belleýär.

**Nepes ÝOWŞANOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.*

## Ygtybarly ulaglaryň sanawy

«Consumer Reports» maslahat beriş kompaniýasy ygtybarly ulaglaryň sanawyny taýýarlady. Uzak ýyllardan bäri bu ugurda öňdeligi eýeleýän «Volvo» ilkinji onluga girip bilmedi. Ýapon brendleri bolsa, sanawyň ýokarky basgançaklarynda orun aldy. Bilermenler 380 müň töweregi ulaga degişli maglumatlary seljerip, awtoulag eýeleriniň ýüzbe-ýüz bolýan meselelerine we ulaglarynyň ygtybarlylygyna garadylar. Bu sanaw täze ulag edinmek isleýänler üçin hem ýolgörkeziji bolup durýar. Sebäbi köp adam ulag satyn aljak bolanynda, olaryň howpsuzlygyna hem üns berýär. Kompaniýanyň bilermenleri ýeňil, ýük we SUV ulaglaryň eýelerinden maglumat toplapdyrlar. Sanawda «Toyota», «Lexus» we «Honda» kompaniýalary ilkinji üçlüge girdi. BMW, «Nissan», «Acura», «Buick», «Tesla», «Kia» we «Ford» ilkinji onluga girdi.

**Annaoraz ORAZOW,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*






## Wenesiýa karnawaly geçirilýär

Italiýanyň kanallary bilen meşhurlyk gazanan Wenesiýa şäherinde lybaslaryň karnawaly geçirilýär. Açylyş gününde şäheriň Uly kanalyndan owadan bezelen ýüzlerçe gaýyklar, dürli lybaslara beslenen kürekçiler, şäheriň simwoly hasaplanýan syçan şekilli Pantegana nyşany geçdi. Şüweleňe gatnaşýanlar özleriniň halaýan lybaslaryny geýýärler, maskalaryny dakynýarlar.

Bu ýylky çäre «Olympus – Oýunlaryň kökünde» şygary astynda geçirilýär. Sebäbi, 6-22-nji fewraly aralygynda ýurduň Milan şäheri we Kortina şäherçesi Gyşky Olimpiýa oýunlaryny kabul edýär. Geljek aý bolsa, Paralimpiýa oýunlary geçirilýär. Italiýanyň iň köp syýahatçy çekýän ýerleriniň biri bolan Wenesiýa şäherindäki festiwal 17-nji fewrala çenli dowam edýär.

**Yhlas WELHANOW,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Fewral aýynyň 6-sy, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118056
Belgisi: 6/1676
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Himiýa senagatynyň ösüşi

Himiýa senagaty milli ykdysadyýetiň strategik ähmiýetli ugurlarynyň biri bolup, ýurdumyzyň tebigy baýlyklaryny netijeli peýdalanmaga, senagatlaşdyrmaga we eksport mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilýär. Döwlet tarapyndan alnyp barylýan durnukly ösüş syýasaty netijesinde bu ugurda iri önümçilik toplumlary döredildi hem-de täze tehnologiýalar ornaşdyryldy.

Soňky ýyllarda himiýa senagatynyň ösüşi birnäçe möhüm ugurlary öz içine alyp, olar mineral dökünleriň önümçiligi oba hojalygynyň öndürijiligini ýokarlandyrmaga hyzmat edýär, gazhimiýa toplumlary: tebigy gazy gaýtadan işlemek arkaly polimerler, sintetik materiallar we beýleki ýokary goşmaça gymmatly önümler öndürilýär, derman we hojalyk himiýasy, ýagny derman serişdeleriniň we gündelik sarp edilýän himiki önümleriň önümçiligi giňeldilýär.

Ýurdumyzyň himiýa senagaty köpugurlydyr. Muňa mysal edip, nebit we gaz çig malyny gaýtadan işlemek, tebigy ýody çykarmak we gaýtadan işlemek ýaly ugurlary görkezmek bolar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy özüniň önümçilik ugurlaryny giň gerimlerde ösdürdi. Nebit çig malyndan dürli ýangyç we çalgy ýaglaryny öndürýän zawodlar bilen birlikde tebigy



ýod çig malyny gaýtadan işlemek, polietilen we polipropilen öndürýän kärhanalar döredildi. Zawodlar toplumynyň öndürýän bu ýokary hilli önümleri dünýä bazarlarynda geçginli harytlara öwrüldi. Şeýle hem soňky ýyllarda bu ugurda amala aşyrylan giň möçberi maýa goýumlaryň netijesinde, Garlyk dag-magdan käninde duz ýataklaryny özleşdirmek boýunça dag-magdan baýlaşdyryjy toplumy, Garabogazkarbamid zawody ýaly ençeme iri desgalar guruldy. Balkan hem-de Lebap welaýatlarynda täze himiýa desgalarynyň düýbi tutuldy.

Himiýa senagatynyň ösüşi döwlet maksatnamalaryna laýyklykda amala aşyrylýar. Bu ugurda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek, öňdebaryjy halkara tejribäni ornaşdyrmak hem-de ekologiýa taýdan howpsuz önümçilikleri ösdürmek ileri tutulýar. Kärhanalarda döwrebap enjamlar ulanylyp, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmaga aýratyn üns berilýär.

Himiýa senagaty ýurduň eksport mümkinçiliklerini artdyrmakda möhüm orun eýeleýär. Mineral dökünler we gazhimiýa önümleri daşary ýurt bazarlarynda uly islege eýe bolup, milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşine saldamly goşant goşýar. Şeýle-de bu pudak täze iş orunlarynyň döredilmegine ýardam edýär.

Geljekde himiýa senagatyny ösdürmekde innowasion tehnologiýalara esaslanmak, önümleriň görnüşlerini artdyrmak hem-de halkara bazarlarda bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmak esasy maksatlaryň biridir.

Ýurdumyzyň himiýa senagatynyň ösüşi milli ykdysadyýetiň kuwwatyny artdyrmaga, ilatyň abadançylygyny üpjün etmäge we ýurdumyzyň halkara ykdysady gatnaşyklaryndaky ornuny pugtalandyrmaga gönükdirilendir. Döwlet tarapyndan alnyp barylýan maksatnamalaýyn syýasat bu ugurda gazanylýan üstünlikleriň dowamly bolmagyna berk binýat döredýär.

**Aýgül ESENOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallym-öwrenijisi.*

# BAGTYÝAR HALKYMYZ BELENT MAKSATLAR BILEN ÖŇE BARÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda alnyp barylýan durnukly ösüş ugry, milli ykdysadyýetiň ähli ulgamlarynda giň gerimli özgertmeleriň durmuşa geçirilmegi ykdysady ösüşi, maliýe we durmuş taýdan durnuklylygy, ähli pudaklaryň, sebitleriň netijeli ösmegi üçin amatly şertleri üpjün etmek bilen, täze iş meýilnamalaryna badalga bermek üçin mümkinçilik döretdi. Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň pudaklarynda dowam etdirilýän düýpli özgertmeleriň netijesinde ýylyň-ýylyna täze önümçilik we durmuş maksatly desgalar, ýaşaýyş jaýlary gurlup ulanylmaga berilýär, ýüzlerçe kärhanalaryň we beýleki desgalaryň durky täzelenip, döwrebaplaşdyrylýar hem-de täze önümçilikler döredilýär.

Bellenilen wezipeleriň ähলisi ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini ösdürmegiň uzak möhlete niýetlenen toplumlaýyn çäresini, durmuş-ykdysady özgertmeleriň üstünlikli amala aşyrylmagynyň möhüm we ileri tutulýan wezipelerini, görkezijilerini hem-de netijelerini kesgitleýän milli maksatnamalarda, ýagny ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda we Oba milli maksatnamasynda, şeýle hem pudaklaýyn maksatnamalarda öz beýanyny tapýar.

Häzirki wagtda ýurdumyz ähli ugurlar boýunça uly üstünliklere, belent sepgitlere ýetýär. Ata Watanymyzda amala



aşyrylýan harby özgertmeleriň netijesinde, ýurdumyzyň goranyş ukybyny pugtalandyrmak, Ýaragly Güýçlerimizi düýpli döwrebaplaşdyrmak boýunça maksatly işler amala aşyrylýar. Ýurdumyz oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, giň halkara hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan syýasy ugry yzygiderli durmuşa geçirmek bilen, goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinamyza ygrarlylygyny görkezýär. Harby doktrina esaslanyp, ýurdumyzyň howpsuzlygy, halkymyzyň abadan, bagtyýar durmuşy üpjün edilýär.

Ýakynda geçirilen Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin göçme mejlisinde Belent Serkerdebaşymyz geçen 2025-nji ýylda ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň kuwwatyny artdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işleriň alnyp barlandygyny, Milli goşunymyzyň maddy-enjamlaýyn binýadyny, ýurdumyzyň goranmak ukybyny pugtalandyrmak ugrunda degişli işleriň ýerine ýetirilendigini belledi.

Ata Watanymyzyň ösüşini halkyň ykbaly bilen berk baglanyşdyrýan, bagtyýar şu günümiz hem-de röwşen ertirimiz ugrunda irginsiz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Guwanç MUHAMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, kapitan.*

# BEDEW BATLY, AT-MYRATLY MEKANYM

Ýyllaryň biri-birinden zyýada gelmegi ýüreklerimizi joşdurýar, göwünlerimizi galkyndyrýar, öňümizde täze maksatlary goýup, olara amal etmäge höwes döredýär. Bu ýyl hem şeýle boldy. 2026-njy «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly, badyny hem, adyny hem bedewden alandygyna buýsanýan ýaly, durşy bilen nuranalyga beslenýär. Hakykatdan hem, at türkmeniň myrady, ýeňişli ýollarda goldaw beren daýanjy. Bu ýylyň adynyň behişdi bedewlerimiz bilen baglanyşdyrylmagy ýetiljek belent üstünliklerden, aşyljak şöhratly menzillerden nyşandyr.

Bu ýylyň joşguna baýdygynyň ýene bir sebäbi bolsa, pederlerimiziň baş arzuwy, nesilleriň buýsanjy bolan mukaddes Garaşsyzlygymyza 35 ýyl dolýandygydyr. Halkymyzyň ykbal toýy diýip toýlaýan bu baýramy her bir türkmen raýaty üçin aýratyn gadyrlydyr, gymmatlydyr. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň Watany söýmek, Garaşsyzlyga guwanmak baradaky taglymaty bu gün halkymyzyň uly buýsanç bilen eýerýän mizemez ýörelgeleriniň birine öwrüldi.

Hakykatdan hem, halk bilen Watan bir ten, bir jan bolup, bitewülige öwrülende, maksatlar myrat tapýar, topragyň berekedi, hasylyň hümmeti artýar. Ýaşaýyş süýjäp, ömürler çuň mana eýe bolýar. Agzybirlik, jebislik Watany özgerdýär, onuň abraý-mertebesini belende göterýär, şanyna şan,




şöhratyna şöhrat goşýar. Bu uly bagtyň özeninde türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Garaşsyzlyk – bagtymyz» atly kitabynda: «Garaşsyzlyk diňe biziň özbaşdak döwletimiziň barlygyny däl, ozaly bilen, özbaşdak halk hökmünde biziň özümiziň barlygymyzy aňladýandyr. Garaşsyzlyk – barlygymyz. Garaşsyzlyk – bagtymyz» diýip, jaýdar belleýşi ýaly, bu uly bagtyň özeninde mukaddes Garaşsyzlygymyz durandyr. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň gadyr-gymmatyna, mazmunyna has aýdyň düşünmäge, ondan gelip çykýan wezipeleriň iş ýüzünde netijeli amala aşyrylýandygyna göz ýetirmäge mümkinçilik berýän buýsandyryjy ýagdaý, ýurdumyzyň Ýer ýüzünde belende galan at-abraýydyr. Garaşsyzlyk ýyllarynda bütin dünýäde parahatçylygy gorap saklamak, dünýä döwletleri bilen ylalaşykly ýaşamak, syýasy-ykdysady, durmuş-medeni ulgamlarda özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmak döwletimiziň içeri we daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugry hökmünde orta çykdy.

Biz ajaýyp Watanda – Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda ýaşaýarys, mähriban ýurdumyza guwanýarys we tüýs ýürekden buýsanýarys. Çünki, bizi ajaýyp Watanymyzda ýeňişlerden-ýeňişlere ýetiren Gahryman Arkadagymyz, peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyz bar. Bu günki gün biziň Garaşsyz ýurdumyza bolan buýsanjymyz dillerimizde soňlanmajak aýdym bolup ýaňlanýar.

**Kakajan BERDIÝEW,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň bölüm müdiri.*

# Sanly ykdysadyýet – ösüşiň möhüm şerti

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu Konsepsiýanyň esasy maksady ýurdumyzyň sanly ykdysadyýetini ösdürmek, onuň halkara derejesinde bäsdeşlige ukyplylygyny pugtalandyrmak we döwrebap tehnologiýalaryň giň gerimli ornaşdyrylmagyny üpjün etmekdir. Bu ugurda sanly infrastruktura ulgamlaryny ösdürmek we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, elektron hyzmatlaryň gerimini giňeltmek we olaryň hümmetini ýokarlandyrmak, jemgyýetçilik hyzmatlarynda sanly çözgütleri ulanmak we administratiw prosesleri döwrebaplaşdyrmak, sanly bilim we hünär taýýarlyklaryny güýçlendirmek, ýokary tehnologiýalar boýunça hünärmenleri taýýarlamak, telekeçilik subýektleriniň sanlylaşdyrylmagyna we sanly bazarlara çykmagyna goldaw bermek, halkara hyzmatdaşlygy berkitmek, maýa goýumlary çekmek we halkara tehnologiýa hyzmatlaryny ösdürmek ýaly ugurlarda döwrebap işleri durmuşa geçirmek maksat edinilýär.

Konsepsiýanyň çäklerinde emeli aň tehnologiýalarynyň giňden ulanylmagy ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Döwlet dolandyryşy we senagat pudagy, bilim, saglygy goraýyş we maliýe ulgamlary üçin emeli aň boýunça häzirki zaman çözgütleri ulanylýar. Şeýle strategiýa ýurduň sanly ykdysadyýetde netijeliligini we bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmaga ýardam eder.



Şeýle hem emeli aňy ulanmak, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek hem-de tehnologik innowasiýalary ornaşdyrmak arkaly milli standartlarydyr hukuk kadalaryny ösdürmek boýunça işler alnyp barylýar. Häzirki döwürde emeli aň tehnologiýalary sanly ykdysadyýetiň ösüşinde möhüm orun eýeleýär. Emeli aň dolandyryş, önümçilik, bilim, saglygy goraýyş we hyzmatlar ulgamynda netijeliligi düýpgöter ýokarlandyrýar. Bu strategiýa innowasion çözgütleri işjeň ulanmagy, maglumatlary dolandyrmagyň täze usullaryny ornaşdyrmagy hem-de ýokary tehnologiýalar boýunça hünärmenleri taýýarlamagy göz öňünde tutýar.

Sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda we Döwlet maksatnamasynda ýurdumyzyň daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen tehnologiýa we innowasion taslamalary boýunça hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga uly ähmiýet berilýär. Bu bolsa sanly bazarlara çykmaga mümkinçilik döredýär, halkara tejribelerini özleşdirmäge ýardam berýär we daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge ýardam edýär.

Umuman, ýurdumyzda 2026 – 2028-nji ýyllar üçin sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň we degişli döwlet maksatnamasynyň kabul edilmegi ýurdumyzyň dünýä ykdysadyýeti bilen integrasiýasyny güýçlendirmek, ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagyna gönükdirilen gurluşly syýasaty amala aşyrmak we ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak ugrunda möhüm ädimdir. Şeýle strategiýalar döwrüň tehnologiýa taýdan öňdebaryjy tejribelerini ulanmak arkaly durnukly ykdysady ösüşe ýardam eder we ösüşiň täze ugurlaryny açar.

**Dünýägözel KERTIÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň inžener mehanika fakultetiniň fizika kafedrasynyň mugallymy.*

# EDEBIÝAT

***Marietta Şaginýan: «Aleksandr Grin ýyl geçdigiçe, görk açýan ajaýyp söz ussadydyr. Ony bizden soňam köp nesiller okar, ýazyjynyň kitaplary okyjylara hoşboý ysly tereň duýgulary bagyşlar».***

***«Edebiýat – dost-doganlyk köprüsi» atly bäsleşigimizde ikinji orna mynasyp bolan hekaýa***

London, 1920–nji ýylyň gyşy. Pikadilla köçesinden beýleki köçä geçilýän burçda gowy geýnüwli iki sany erkek adam aýak çekdi. Olar ýaňyja gymmat bahaly restoranda naharlanyp, şeýle hem Drýurilen teatrynyň artistleri bilen degşip–gülşüp, wagtlaryny şadyýan geçirip gelýärdiler. Häzir bolsa ikisiniňem bar ünsi ýoluň gyrasynda hiç hili hereketsiz ýatan, üst–başy gözgyny, ýigrimi bäş ýaşlaryndaky ýigit bilen onuň töweregine üýşüp başlan mähellä gönükdi.

– Stilton! – diýip, çişik dosty aşak eglip, ýatana seredip duran ýoldaşyna ýigrenç bilen gygyrdy. – Sen oňa seredip oturma, ol gaty serhoşdyr ýa–da ölendir.

– Men aç... men diri – diýip, nätanyş ýerinden çala galyp, özüne seredip pikire batan Stiltona jogap berdi: – Men huşumdan gitdim.

Stilton:– Reýmer! Ynha, saňa täze hezillik. Mende şeýle bir gowy pikir döredi. Şu wagta çenli meşgullanan ähli güýmenjelerimiz ikimiziňem ýüregimize düşdi, meniň pikirimçe, iň gowy güýmenje adamy oýnawaç edip oýnamakdyr – diýdi.

Ol bu sözleri şeýle bir ýuwaş aýtdy welin, ýerinden galyp dikelen nätanyş ýigit eşitmedi.

Reýmeriň bu gürrüňler perwaýyna–da däldi, ol egnini silkip, ýene–de öz gijeki klubyna gitdi. Stilton bolsa üýşen adamlaryň we polisiýa işgärleriniň oňlamagy bilen mejalsyz ýigidi paýtuna mündürdi.

Paýtun olary Gaýstritiň nahar iýilýän traktirine getirdi. Bu garamaňlaýyň ady Jon Iw ekeni. Ol Irlandiýadan Londona iş gözläp gelipdir. Iw ýetim galyp, tokaýçynyň maşgalasynda terbiýelenýär, onuň başlangyç synpdan başga hiç hili bilimi ýokdy. On bäş ýaşan wagty enekesi aradan çykýar. Tokaýçynyň uly ogullarynyň hersi bir şähere, biri Amerika, beýlekisi Günorta Uelse, ýene–de biri Ýewropa gidýär. Iw birnäçe wagtlap bir fermeriňkide işleýär. Soňra kömür gazyjy, deňizçi, naharhanada hyzmatkär bolup işleýär. Iň ahyrynda Londona iş gözläp gelipdir, ýöne bu ýerde–de iş tapaýmagyň aňsat däldigine göz ýetiripdir. Ol köçelerde, baglaryň içinde ýatýardy. Iw ahyry açlykdan, ysgynsyzlykdan ýykylyp ýatan wagty ony Stilton, ýagny şäherdäki ähli söwda ammarlaryň eýesi alyp gaýtdy.

Kyrk ýaşlaryndaky Stiltonyň puly weşeň–weşeňdi, has dogrusy, 20 million funt dagy baýlygy bardy, özem sallah adamlaryň güýmenjeleriniň ähلisinden habarlydy. Ýatak jaýynyň ýa-da azygyň hiç hili aladasy ýokdy. Stilton Iw bilen nähili oýun etjekdigini eýýäm aňynda bişiripdi, beýle oýny oýlap tapany üçin buýsandy, özüni örän mekir hasap etdi.

Iw oňat naharlanyp, başyndan geçirenlerini gürrüň berensoň, Stilton oňa şeýle diýdi:

– Mende siz üçin bir gowy teklip bar, ony eşidäýseňiz, şatlykdan gözleriňiz ýanaýsa gerek. Ýagny siz ertir hökman merkezi köçeleriň ugrundaky jaýlaryň biriniň ikinji gatyndan otag kireýine almaly. Ýöne şol bir wagtyň özünde, şol bir penjirede agşam sagat bäşden on ikä, ýagny ýarygijä çenli daşy ýaşyl reňk örtülen çyrany ýakmaly. Çyra ýanyp durka, siz hiç kimi öýe getirmeli däl, hiç kim bilen gürleşmelem, hiç ýere gitmelem däl. Bu iş kynam däl welin, eger razy bolsaňyz, size aýda on funt ibererin. Ýöne men size öz adymy aýtjak däl.

– Eger–de siz degişmeýän bolsaňyz, beýle ajaýyp teklip üçin men öz adymy-da ýatdan çykarmaga razy! – diýip, Iw sorady: – Ýöne bu hezil iş haçana çenli dowam edip biler?

– Onuň belli möhleti ýok. Belki bir ýyl, belki-de ömürboýy.

– Bu hasam gowy. Soramaga het edeýin, size ýaşyl çyrany ýakyp goýmak näme üçin gerek boldy?

– Bu gizlin syr! Beýik syr! – Stilton äwmän jogap berdi: – Çyra adamlar we olaryň edýän işleri barada maglumat berer, ýöne siz ol işler barada hiç wagt hiç zat bilmersiňiz.

– Hiç zada düşünmedim, emma zeleli ýok. Men razy, hany, siz wada beren puluňyzy beriň, ertir irden diýen salgyňyzyň penjiresinde ýaşyl çyra şöhle saçyp durar.

Şeýlelikde, köçede ygyp ýören ýigit bilen millioneriň arasynda geň şertnama baglaşyldy.

Stilton hoşlaşykda şeýle diýdi:

– Onsoňam, haçandygynyň bellisi ýok, belki bir aýdan, belki-de bir ýyldan, ýanyňyza garaşylmadyk ýerden bir nätanyş adamyň gelip, size örän kän pul goýup gitmegi-de mümkin. Näme üçindigini aýdyp biljek däl, ýöne garaşyberiň.

Iw onuň münen paýtunynyň yzyndan seredip elindäki on funt puly aýlap durşuna, iňkise gidip hüňürdedi: – Ýa bu adam aklyndan azaşan, ýa-da men tüýs bagty getiren. Her gün çyra üçin ýarym litr nepýag ýakmagyma şeýle ummasyz pul hödürleýär.

Ertesi agşam Riwer-strit köçesiniň 52–nji jaýynyň garaňky penjiresinde ýaşyl çyra şöhle saçdy. Jaýyň garşysyndaky ýodajykda iki adam ol çyrany synlap birnäçe wagt durdular, soňra biri beýlekisine şeýle diýdi:




– Diýmek, Reýmer, gadyrdan, içiňiz gysan wagty şu ýere geliň! Ol penjiräniň aňyrsynda hakyky samsyk otyr. Özem uzak möhletleýin satyn alnan akmak. Onuň içi gysyp, akylyndan azaşar, ýöne şol garaşar oturar, özem nämä garaşýanyny-da bilmez. Holha-da, ol, serediň!

Hakykatdanam, penjirede sudur göründi, özem maňlaýyny penjirä degrip durşuna: «Ol ýerde kim bar? Men nämä garaşmaly? Kim geler?» diýip soraýan ýaly umydygärlik bilen garaňky köçä seredýärdi.

Reýmer oňa seredip: – Bolsa-da sizem akylly adam däl, jenap Stilton – diýdi. Soňra Stiltonyň goltugyna girdi-de, ony ulaga alyp gitdi: – Bu oýnuň näme gyzygynyň bardygyna hiç düşünmeýärin.

– Oýnawaç, diri adamdan oýnawaç! – diýip, Stilton jogap berdi: – Bu iň gyzykly güýmenje ahyryn!

***

1928–nji ýyl. Londonyň etegindäki garyplar üçin niýetlenen hassahana täze getirilen geýimleri hapa, arryk garry agyrysyna çydaman iňleýärdi. Ol garaňky jaýyň basgançagyndan ýykylyp, aýagyny döwdüripdi.

Garryny hirurgiýa bölümine eltdiler. Süňkleri gaty bijaý döwülensoň, gan damarlaryna–da zeper ýeten ekeni. Muny gören lukman gyssagly operasiýa etmeli diýen netijä geldi. Dessine operasiýa edilip, hassanyň bir aýagyny kesip aýyrdylar. Näsag özüne gelende, garrynyň öňünde sag aýagyny kesen lukman otyrdy.

– Gör, biz nähili ýagdaýda duşuşdyk! – diýip, uzyn boýly, örän gussaly bakyşly lukman dil ýardy: – Siz meni tanadyňyzmy, jenap Stilton? Men Jon Iw, siz maňa her gün gijelerine ýaşyl çyra ýakmagy buýrupdyňyz. Sizi gören dessime tanadym.

– Al kaksyn-da seni! – diýip, Stilton lukmana garap hüňürdedi: – Görsene, bu bolýan işleri! Beýle zat mümkinmi berin?

– Görüp durşuňyz ýaly. Ýöne, jenap Stilton, size ne döw çaldy? Garyp düşmegiňize näme sebäp boldy?

– Men bar zadymy, baýlygymy ýitirdim... Indem üç ýyldan bäri ýarlykly garyp. Siziňki welin, çüwüpdir. Ýeri, nädip beýle derejä ýetdiňiz?

– Men siziň buýruşyňyz ýaly, birnäçe ýyllap agşamlaryna çyra ýakdym – diýen Iw ýylgyrdy: – Ilki ýüregim gysyp, elime düşen kitaplary okadym. Bir gezegem ýaşaýan otagymyň kitap tekjesinde duran «Anatomiýa» kitabyna gözüm düşdi. Alyp okadygymça öňümde adam bedeniniň haýran galdyryjy syrlary açyldy. Edil jadylanan ýaly, uzak gijeläp ol kitaby okadym. Ertesi irdenem kitaphana baryp: «Lukman bolmak üçin nähili kitaplary okamaly?» diýip soradym. «Matematikany, geometriýany, botanikany, zoologiýany, morfologiýany, biologiýany, farmakologiýany, latyn dilini we şuňa meňzeşleri öwrenmeli» diýip jogap berdiler. Şol wagta çenli men eýýäm iki ýyla golaý çyra ýakypdym. Bir gezek öýe dolanyp gelýärkäm, bir adamyň penjiräme ýigrenç bilen seredip duranyny gördüm. Ol: «Iw – diri samsyk!» diýip, meni görmän öz ýanyndan hüňürdeýärdi. – Ol boş wadalara, ummasyz pula garaşýar... özem, umydyny ýitirmän garaşýar. Men bolsa eýýäm ähli baýlygymy ýitirdim!». Ol adam sizdiňiz. Soňam şeýle diýdiňiz: «Samsyklyk bilen guralan oýun. Pullarymy ýele sowurmaly däldim».

Şol wagta çenli men eýýäm birnäçe kitaplary satyn alypdym, sebäbi hiç zada seretmezden, diňe okamaly diýen netijä gelipdim.

– Soňra näme boldy? – diýip, Stilton pyşyrdap sorady.

– Soňmy? Ýanymda bir talyp ýigit ýaşaýardy, ol meniň lukman bolmak üçin zerur bilimleri ele almagyma kömek etdi. Şeýlelik bilen bir ýarym ýyldan lukmançylyk kollejine okuwa girmek üçin synag tabşyrdym. Görşüňiz ýaly, men örän başarjaň adam ekenim.

Ara dymyşlyk düşdi.

– Men köpden bäri siziň penjiräňiziň ýanyna barmandym – diýip, Iwiň gürrüňinden aňy sarsan Stilton aýtdy: – Ýöne göwnüme bolmasa, häzirem şol penjiräniň öňünde ýaşyl çyra ýanyp durmuka diýýärin. Meni bagyşlaň!

Iw sagadyny çykardy.

– Sagat on, siziň ýatar wagtyňyz boldy, jenap Stilton! Ýene üç hepdeden hassahanadan çykarsyňyz. Şonda hökman maňa jaň ediň! Belki, size öz hassahanamyzdan iş tapyp bererin. Bärik düşen näsäglaryň atlaryny bellemeli bolarsyňyz. Basgançakdan düşen wagtyňyz otluçöp ýakyň, ýogsa ol ýeri garaňkydyr.

**Terjime eden Selbi IMAMOWA,**
*Lebap welaýat ýörite sungat mekdebiniň «Aýdym aýtmak sungaty» bölüminiň talyby.*

## Paýhaslar

☑ Iň esasy zat, ýagdaýlar saňa garşy bolsa-da, ruhdan düşmezlikdir.
***Jek London.***

☑ Ynsanyň hemme zady: pikiri-de, edýän işleri-de gözel bolmalydyr.
***A.P. Çehow.***

☑ Maksada ýetmek üçin, ilki bilen ýöremeli.
***Onore de Balzak.***

☑ Her kime öz ýoly berlendir, ýöne ol ýoldan diňe özüň ýöremeli.
***Antuan de Sent-Ekzýuperi.***

☑ Ýykylanyndan soň ýene aýaga galmak barada karara gelen adamyň güýjünden uly güýç ýokdur.
***Fýodor Dostoýewskiý.***

☑ Hakyky zatlar kynçylygyň bolan ýerinde başlanýandyr.
***Ernest Hemingueý.***

☑ Hemme zat gutarandyr öýden wagtyňyz, aslynda täze bir zat başlaýandyr.
***Wiktor Pelewin.***

☑ Maksadyň bolsa, kynçylygy ýeňip bolýar.
***Aleksandr Grin.***

☑ Durmuşyň manysy özüňi tapmakdyr.
***Oskar Waýld.***

☑ Seniň ýoluň nähili bolmalydygyny özüň kesgitle.
***Reý Bredberi.***

☑ Seniň durmuşyň boýun egmek däl-de, hereket etmekdir.
***Jon Steýnbek.***

☑ Hatda göze dürtme tümlükde-de yşyk tapyp bolar, diňe ony gözlemekden gorkmaly däl.
***Joan Rouling.***

☑ Iň uzak gije-de säher bilen tamamlanýar.
***Jon Ronald Ruel Tolkin.***

☑ Biziň her birimizde hiç kimiň öçürip bilmejek yşygy bar.
***Riçard Bah.***

☑ Umyt ruhda ýaşaýan ýelekli bir zatdyr.
***Emili Dikinson.***

☑ Düýnki bolşuňdan gowy bolmak bilen, sen tutuş dünýäni üýtgedýärsiň.
***Lew Tolstoý.***

☑ Ynsan diňe özüni ýeňip geçende kämilleşýär.
***Fridrih Nise.***

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Agajy 72 sagat gujaklap rekord goýdy.** Keniýaly aktiwist Trupena Mutoni agajy 72 sagatlap (3 gün) gujaklap durup, Ginnesiň dünýä rekordyny täzeledi. Ol bu netijesi bilen ganaly Frederigiň 50 sagatlyk öňki rekordyndan ep-esli öňe geçmegi başardy. Mutoni bu çäräniň durnukly klimat hereketleriniň zerurdygy barada ynamly beýanatdygyny aýtdy. Bu rekord daşky gurşawy goramagyň möhümdigini ýatladýar.



**Iň gadymy gaýa suraty.** Indoneziýanyň Muna adasynda, azyndan, 67 müň 800 ýyl mundan ozal çekilen ynsan eliniň şekili tapyldy. Uran barlaglary arkaly anyklanan bu tapyndy Ispaniýadaky iň gadymy suratlardan hem has köne hasaplanýar. Griffit uniwersitetiniň alymlarynyň bu açyşy adamzat döredijiliginiň taryhyny has gadymy döwürlere alyp gidýär.



**Matematik böküş.** Russiýaly Iwan Remizow 200 ýyllap çözülmedik deňlemeleriň uniwersal formulasyny tapdy. Ol adaty amallara



yzygiderliligiň çägini tapmak usulyny goşup, täze teorema döretdi. Bu açyş çylşyrymly fiziki we ykdysady amallary «kadrlar» arkaly aňsat çözmäge mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, kwant mehanikasynyň usullary indi nusgawy matematika üçin hem elýeterli boldy.

**«Sony»-nyň täze winil pleýerleri.** Ýapon kompaniýasy 400 we 500 amerikan dollary bahasy bolan «PS-LX3BT» we «PS-LX5BT» atly iki sany täze winil modelini tanyşdyrdy. Awtomatik usulda işleýän bu pleýerler simli ýa-da «Bluetooth» arabaglanyşygy esasynda tehnologik enjamlara birigýär. Pleýerleriň USB girişi arkaly winildäki aýdymlary sanly görnüşe geçirip, kompýuterde saklamak mümkin.



**«Michelin»-iň zawody.** «Michelin»-iň Şanhaýda açylan zawodynda her 36 sekuntda bir şina öndürilýär. Sanly ulgam we emeli aň arkaly dolandyrylýan zawodda sargytlary ýerine ýetirmek möhleti 5 güne çenli gysgaldyldy. Zawodyň önümleriniň uly bölegi Hytaýyň elektroulag bazary üçin niýetlenip, kärhana doly gaýtadan dikeldilýän energiýa bilen işleýär.



**ABŞ heýkelleri yzyna gaýtarmakçy.** Smiton institutynyň Milli Aziýa sungaty muzeýi Orta asyrlara degişli üç sany bürünç heýkeli Hindistana gaýtaryp bermekçi. Içerki derňewler bu gymmatlyklaryň XX asyryň ortalarynda Tamilnad ştatynyň ybadathanalaryndan alnandygyny subut etdi. Bu üç heýkeliň ikisi dolulygyna Watanyna dolanar, biri bolsa özara ylalaşyk esasynda häzirlikçe Waşingtonda galdyrylar.



**«Tesla» emeli aňa maýa goýýar.** «Tesla» kompaniýasy emeli aň we robottehnikasy pudagyndaky ornuny berkitmek maksady bilen «xAI» kärhanasyna 2 milliard amerikan dollary möçberinde maýa goýýandygyny mälim etdi. Bu strategiýa kärhananyň bazar bahasyny 1,5 trillion amerikan dollary möçberinde artdyryp, «Cybercab» robotaksileriniň we adam görnüşli robotlaryň önümçiligini çaltlandyrmaga gönükdirilendir.




## TARYHDA ŞU GÜN

**1952-nji ýylyň 6-njy fewralynda Ýelizaweta II Beýik Britaniýanyň Şa zenany diýlip yglan edildi. Ol aradan çykýança 2022-nji ýylyň 8-nji sentýabryna çenli 70 ýyllap tagtda oturdy. Ýurduň iň uzak wagtlap hökümdarlyk eden monarhy bolan Ýelizaweta II 1837-nji ýyldan 1901-nji ýyla çenli 63 ýyldan gowrak hökümdarlyk eden Wiktoriýanyň rekordyny täzeledi.**



# DOHADA «WEB SUMMIT QATAR» GEÇIRILDI

Katar telekeçilik üçin amatly şertleri döretmek arkaly innowasion kompaniýalary özüne çekmek ugrunda MENA (Ýakyn Gündogar we Demirgazyk Afrika) sebitiniň beýleki ýurtlary bilen işjeň bäsleşýär. Dohada geçirilen «Web Summit Qatar» maslahaty pudagyň wekilleri üçin tejribe alyşmaga we täze meýilnamalary düzmäge uly mümkinçilik döredýär.

Dohada üçünji gezek geçirilen bu sammit rekord derejedäki gatnaşyjy sany bilen başlandy. Foruma dünýäniň 120-den gowrak ýurdundan jemi 30 müňden gowrak myhman gatnaşdy. Olaryň arasynda 1 müň 600 startap, 900 maýadar we 400 spiker bar. Bu görkezijiler maslahaty Kataryň şu güne çenli geçiren iň iri tehnologiýa çäresine öwürdi. 1-nji fewraldan 4-nji fewral aralygynda geçirilen sammit emeli aňdan başlap, maliýe tehnologiýasy we täze energiýa çözgütlerine çenli dürli ugurlary öz içine




alýan iň möhüm tehnologiýa meýdançasy hasaplanýar. Çäräniň hyzmatdaşlarynyň arasynda IBM, «Microsoft», «Huawei» we «Qatar Airways» ýaly dünýäniň öňdebaryjy ägirtleri bar.

**Tehnologik täsiriň üýtgemegi**

Sammitiň açylyş dabarasynda çykyş eden «Web Summit Qatar»-yň baş direktory Peddi Kosgreýw tehnologiýa äleminde dünýä dinamikasynyň üýtgeýändigini belledi. Ol Hytaýyň «UniTree» kompaniýasy tarapyndan döredilen iň kämil adamsypat robotlaryň mümkinçiliklerine ünsi çekdi. Kosgreýw «Mundan üç ýyl ozal adamlar köp polýarly dünýäniň gürrüňini edýän bolsalar, indi biz eýýäm şol dünýäde ýaşaýarys» diýip belledi.

**Startaplara goldaw**

Sammitde Kataryň startap ekoulgamyny berkitmäge gönükdirilen möhüm beýanatlar berildi. Kataryň Premýer-ministri Muhammet bin Abderrahman Al-Tani «Web Summit Qatar» forumynyň açylyşynda ýurduň Maýa goýum edarasynyň (QIA) golçur kompaniýalaryny höweslendirmek maksatnamasyna ýene-de 2 milliard amerikan dollary maýa goýuljakdygyny habar berdi.

Häzirki wagtda bu ugurda Dohada eýýäm 12 sany iri golçur topary iş alyp barýar, bu bolsa Kataryň sebitde tehnologiýa merkezi hökmünde ösmäge bolan uly gyzyklanmasyny görkezýär. Sammitiň beýleki esasy spikerleriniň arasynda şeýha Moza bint Nasser, «B Capital»-dan Eduardo Sauerin, «Amino Capital»-dan Larri Li, «Lumi»-den Kolin Kapernik we grek ykdysatçysy, öňki maliýe ministri Ýanis Warufakis bar.

# Mişel Baçalet dalaşgär boldy

BMG-niň Baş Assambleýasynyň we Howpsuzlyk Geňeşiniň başlyklary 1-nji fewralda BMG-niň Adam hukuklary boýunça öňki ýokary komissary Mişel Baçaletiň halkara guramanyň Baş sekretary wezipesine dalaşgär hökmünde hödürlenendigi barada resmi habarnama aldylar. Bu barada Baş Assambleýanyň 80-nji sessiýasynyň başlygynyň edarasynyň wekili La Neýs Kollinz brifingde mälim etdi.

– Baş Assambleýanyň we Howpsuzlyk Geňeşiniň başlyklary 1-nji fewralda Mişel Baçaletiň dalaşgärlige hödürlenendigi barada habarnama aldylar. Baçalet dalaşgärlige Çili, Braziliýa we Meksika tarapyndan hödürlendi – diýip, La Neýs Kollinz belledi. Mundan ozal Çiliniň lideri Gabriel Boriç Meksikanyň, Braziliýanyň we Çiliniň Baçaleti BMG-niň Baş sekretary wezipesine bilelikde hödürlejekdiklerini habar beripdi.

Baçalet 2006-2010-njy we 2014-2018-nji ýyllar aralygynda iki möhlete Çiliniň Prezidenti boldy. Ol 2018-nji ýylyň sentýabryndan 2022-nji ýylyň awgustyna çenli BMG-niň Adam hukuklary boýunça ýokary komissary wezipesini eýeledi. Baçalet BMG-niň Baş sekretary wezipesine Latyn Amerikasyndan dalaş edýän ýeke-täk dalaşgär däl. Geçen ýylyň noýabr aýynda Argentina Atom energiýasy boýunça halkara agentliginiň (MAGATE) ýolbaşçysy Rafael Grossiniň dalaşgärligini hödürläpdi.

BMG-niň häzirki Baş sekretary Antoniu Guterrişiň ygtyýarlyk möhleti 2026-njy ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýar. Baş sekretar BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan



saýlanýar we Baş Assambleýa tarapyndan tassyklanýar. Onuň ygtyýarlyk möhleti bäş ýyl bolup, gaýtadan saýlanmaga hukugy bardyr. Möhletleriň sany boýunça çäklendirme ýok, emma şu wagta çenli hiç kim bu wezipäni 10 ýyldan artyk eýelemedi. Ýola goýlan tejribä görä, BMG-niň Baş sekretary Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalary bolan Russiýanyň, Beýik Britaniýanyň, Hytaýyň, ABŞ-nyň we Fransiýanyň wekillerinden saýlanmaýar.

# Dubaýda global sammit guraldy

3-5-nji fewral aralygynda Dubaýda Bütindünýä hökümet sammiti geçirildi. Halkara sammite 30-dan gowrak döwlet we hökümet Baştutany, 150-ä golaý hökümet wekiliýeti we 6 müňe golaý wekiller gatnaşdy. Bütindünýä hökümet sammitiniň (WGS) guramaçylary 2026-njy ýylyň çäräniň taryhynda iň uly maksatly ýyl boljakdygyny mälim etdiler. Sammitiň gün tertibine ählumumy dolandyryş meseleleri, emeli aň tehnologiýalarynyň ösüşi, howanyň üýtgemegi we ykdysady kynçylyklary çözmäge gönükdirilen utgaşykly çemeleşmeler girizildi. Duşuşygyň şygary «Geljegiň hökümetlerini kemala getirmek» boldy.

Sammitiň çäklerinde emeli aň, bilim we ykdysady durnuklylyk boýunça birnäçe ýokary derejeli forum, şeýle-de, ilkinji gezek Nobel baýragynyň ýeňijileriniň sammiti geçirildi. Onuň barşynda bu baýragyň eýeleri we öňdebaryjy alymlar pikir alyşmalara gatnaşdylar.

Guramaçylaryň sözlerine görä, sammitiň maksady diňe bir maslahatlar bilen çäklenmän, eýsem, global ulgamlaryň dartgynly pursadynda syýasy işgärleriň we işewürleriň bir ýere jemlenýän platformasyny döretmekden ybaratdyr.

– BAE-de esaslandyrylan we giň gerime eýe bolan Bütindünýä hökümet sammiti amaly çözgütleriň, täze pikirleriň hem-de netijeli hyzmatdaşlygyň kemala gelýän global platformasyna öwrülýär – diýip, BAE-niň Ministrler Kabinetiniň işleri baradaky ministr we WGS-niň başlygy




Muhammad Al Gergawi aýtdy. Bütindünýä hökümet sammiti 2013-nji ýyldan bäri her ýyl geçirilýär.

Halkara foruma Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet gatnaşyp, ýurdumyzyň ählumumy durnuklylyk baradaky möhüm başlangyçlaryny beýan etdi.

# EMELI AŇYŇ TÄZE KARTASY

2025-nji ýylyň ikinji ýarymynda Ýer togalagynyň zähmete ukyply ilatynyň 16,1%-i emeli aňy (EA) ulandy. Bu bolsa emeli aň tehnologiýasynyň geljekde ýaýramagy üçin uly mümkinçiligiň bardygyny görkezýär. Şunda emeli aňyň ulanylyş derejesi ýurtdan ýurda görnetin tapawutlanýar. Demirgazyk ýurtlarda bu görkeziji ortaça 24,7%-e ýetýän bolsa, Günorta ýurtlarda bu görkeziji bary-ýogy 14,1%-e deň. Bu görkezijilerde goňşy döwletlerden epesli öňe geçen Birleşen Arap Emirlikleri (BAE) we Singapur aýratyn tapawutlanýar.

Bu infografika «Microsoft» kompaniýasy tarapyndan taýýarlanan «Global AI Adoption in 2025» hasabatynyň maglumatlary esasynda emeli aňyň ýurtlar boýunça ornaşdyrylyş derejesini görkezýär. Seljermäniň çäginde «Microsoft» dünýäniň 147 ýurdunda emeli aňyň ulanylyş gerimine baha berdi.

Generatiw EA gurallaryny ulanýanlaryň 64% paýy bilen Birleşen Arap Emirlikleri (BAE) diňe bir dünýäde birinji orny eýelemek bilen çäklenmän, eýsem, ornaşdyryşyň iň ýokary ösüş depginine eýe bolan ýurtlaryň hataryna girýär. Hatda «ChatGPT» işe girizilmezinden ozal hem emeli aň tehnologiýalary BAE-niň döwlet hyzmatlarynda işjeň ulanylýardy. Muňa ykdysadyýetiň dokuz sany esasy pudagyny öz içine alýan emeli aňy ösdürmek boýunça 2017-nji ýylda kabul edilen milli strategiýanyň çäginde döredilen irki düzgünleşdiriji we dolandyryş çarçuwalary ýardam etdi. Ikinji orny ilatynyň 60,9%-i emeli aňdan peýdalanýan Singapur eýeleýär. BAE ýaly, Singapur hem infrastruktura, barlaglara we işläp düzmelere maýa goýup, başlangyç tapgyrda emeli aňa bil baglady.



Ýewropada bolsa Norwegiýa öňdebaryjy boldy, skandinaw ýurdy 46,4% ornaşdyryş derejesi bilen dünýäde üçünji orny eýeleýär. Ondan soňra ösen tehnologik ekoulgamy bolan Irlandiýa (44,6%) we Fransiýa (44%) gelýär. ABŞ-da emeli aňyň ulanylyş derejesi 28,3%-e deň, bu bolsa umumy reýtingde 24-nji orna barabardyr.

Sanawyň soňunda ilatynyň 5,1%-i emeli aňdan peýdalanýan Kamboja gelýär. Ösüş kem-kemden duýulsa-da, ýeterlik bolmadyk maýa goýumlary we çäkli infrastruktura emeli aňy has giňişleýin ornaşdyrmak üçin esasy päsgelçilikler bolup durýar.



# Dünýäniň ilaty 8,2 milliarda ýetdi

1804-nji ýylda Ýer ýüzüniň ilaty 1 milliard adama ýetenden soňra, geçen asyryň dowamynda dünýä ilaty sekiz esse artdy.

Käbir ýurtda çaga dogluşynyň peselýändigine garamazdan, 2022-nji ýyldan bäri dünýä ilaty 200 milliondan gowrak adam artdy. Hytaýyň we Braziliýanyň ilatynyň sany azaldy, emma Hindistan we Nigeriýa global demografik ösüşiň esasy hereketlendirijilerine öwrüldi.

Hödürlenen infografikada Birleşen Milletler Guramasynyň maglumatlaryna esaslanyp, dünýä ilatynyň ýurtlar boýunça paýlanyşy görkezilýär. Hindistan ilatynyň sany boýunça dünýäde birinji orny eýeleýär we 1,5 milliardlyk sepgide golaýlaýar.

2022-nji we 2025-nji ýyllar aralygynda Hindistanyň ilaty, takmynan, 53 million adam artdy. Bu görkeziji, dogluş koeffisientiniň (her zenana 1,9 çaga) dikeldiş derejesinden aşak düşmegine garamazdan gazanyldy. Şol bir döwürde ortaça ömür dowamlylygy 72 ýaşdan geçip, 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende, takmynan, 10 ýyl artdy.

Hytaý 1,4 milliarddan gowrak ilaty bilen dünýäde ikinji orny eýeleýär. 2022-nji ýyldan bäri ýurduň ilatynyň sany 36 million adam azaldy. 2023-nji ýylda bolsa Hindistanyň ilaty Hytaýdan öňe geçdi. Ilatyň garramagy we çaga dogluşynyň azalmagy demografik pese gaçyşyň çaltlanmagyna sebäp boldy.

347 million ilaty bilen ABŞ 2025-nji ýylda dünýäde üçünji orny eýeleýär. Emma çaklamalara görä, 2050-nji ýyla çenli ýaş ilatynyň köp bolmagy netijesinde sany iki esse artjak Nigeriýa ABŞ-dan öňe geçer.

Ýewropada hem demografik ýagdaý çylşyrymlylygyna galýar. Italiýanyň ilaty dört ýyldan az wagtyň içinde 1 milliondan gowrak adam azaldy. Gresiýanyň ilaty bolsa, takmynan, 400 müň adam kemeldi. Bu ýurtlaryň ikisi hem degişlilikde 48 we 47 ýaş görkezijisi bilen dünýäde ilatynyň ortaça ýaşy iň ýokary bolan döwletleriň hataryna girýär.

# Meksikada gadymy aramgäh tapyldy

Meksikanyň San-Pablo-Uiso munisipalitetinde Milli antropologiýa we taryh institutynyň (INAH) arheologlary sapotekleriň aramgähini tapdylar. Biziň eýýamymyzyň 600-nji ýylyna degişli aramgäh asyl durkundakysy ýaly gowy saklanypdyr. Bu barada «Artdaily» neşiri habar berýär.

Aramgähiň girelgesini baýguşuň şekilindäki uly göwrümli relýef we sapotek hökümdarynyň reňkli, gyzyl suwagdan ýasalan keşbi bezeýär. Alymlaryň pikirine görä, bu keşp aramgähiň bagyşlanan kişisini aňladýan bolmagy mümkin. Şeýle-de girelgäniň gapdallarynda dabaraly başgaply erkek we zenan şekilleri oýulyp ýasalan uly sütünler bar.

Guburyň içinde arheologlar reňkli daşlardan oýulyp ýasalan frizleri (diwar bezegi) we goragçylaryň şekilleri bolan gapy sütünlerini tapdylar. Aramgähiň diwarlary açyk reňkli köp öwüşginli freskalar bilen örtülipdir. Onda dabaraly ýöriş şekillendirilipdir. Ýörişe gatnaşyjylar girelgä tarap atyr hökmünde ulanylýan agaç şepbigini – kopaly alyp barýarlar. Freskada sary (ohra), ak, ýaşyl, gyzyl we gök reňkleriň öwüşginleri bar.

Meksikanyň Prezidenti Klaudiýa Şeýnbaum bu ta-



pyndyny «soňky onýyllykda ýurtda ýüze çykarylan iň ähmiýetli arheologik açyş» diýip atlandyrdy. Ol bu aramgähiň sapotek halkynyň jemgyýetçilik gurluşy, ynançlary we däpleri barada giňişleýin maglumat almaga mümkinçilik berýändigini belledi.

# 60 MILLIARD DOLLAR MAÝA GOÝMAKÇY

**Amerikanyň grafiki prosessor öndürijisi «Nvidia», «Microsoft» korporasiýasy we «Amazon» tehnologiýa kompaniýasy «OpenAI»-a 60 milliard amerikan dollaryna çenli maýa goýmak barada gepleşikleri geçirýärler. Bu barada «The Information» neşiri gepleşikleriň gidişi bilen tanyş bolan çeşmelere salgylanyp habar berýär.**

**Bu maýa goýumlary jemi 100 milliard amerikan dollaryna ýetýän maliýeleşdiriş tapgyrynyň bir bölegi bolar. «Nvidia» 30 milliard amerikan dollaryna çenli, «Microsoft» bolsa, takmynan, 10 milliard amerikan dollaryny bölüp bermegi meýilleşdirýär. «Amazon» bolsa bu kompaniýany ilkinji gezek maliýeleşdirer we oňa 10 ýa-da 20 milliard amerikan dollaryndan gowrak serişde goýar.**

**Maýa goýumlary Ýaponiýanyň halkara holding kompaniýasy bolan «SoftBank Group» tarapyndan bölünip beriljek 30 milliard amerikan dollarynyň üstüni doldurar. «SoftBank» hem häzirki wagtda maliýeleşdirmegiň jikme-jiklikleri barada gepleşikler geçirýär.**

**2025-nji ýylyň 2-nji noýabrynda «Bloomberg» agentliginiň seljerijileri «Nvidia»-nyň paýnamalaryny «Wall Street»-iň taryhyndaky iň täsirli paýnamalar diýip atlandyrdylar. Kompaniýa taryhy rekord goýup, dünýäde bazar kapitallaşdyrmasy 5 trillion amerikan dollaryna ýeten ilkinji kompaniýa boldy.**






Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# DÜNÝÄNIŇ döwrebap muzeýleri

**Muzeý islendik halkyň taryhy, däp-dessurlary we milliligi bilen tanyşmaga mümkinçilik berýän seýrek duş gelýän gymmatlyklaryň saklanýan ýeridir. Soňky ýyllarda ösen şäherlerde binagärligi bilen tehnologik ösüşleri sazlaşýan myhmanhanalaryň, dynç alyş merkezleriniň we howa menzilleriniň birnäçesi gurulýar. Şeýle desgalaryň hataryna döwrebap muzeýleri hem goşmak bolar. Geliň, häzirki zaman binagärligini we tehnologik ösüşleri ýaýbaňlandyrýan iň naýbaşy muzeýler bilen tanyş bolalyň!**

**Milwauki sungat muzeýi, ABŞ.** Miçigan kölüniň kenarynda ýerleşýän bu muzeýde 25 müň sungat eseri saklanýar. ABŞ-nyň iň uly muzeýleriniň biri bolan Milwau-



ki sungat muzeýi 3 sany aýry binadan ybarat. Binanyň iň soňky tapgyry 2001-nji ýylda (birinji tapgyry 1957ý, ikinji tapgyry 1975ý.) gurlup, polat gurluşly aýna bina «Quadracci Pavilion» diýlip atlandyrylýar. Muzeýiň döwrebap nusgasynyň taslamasy ispaniýaly binagär Santýago Kalatrawa tarapyndan işlenip taýýarlanýar. Aýna binanyň üçeginde 66 metrlik açylýan ganatlar bolup, ýokarsynda ýeliň tizligini ölçeýän sensorlar ornaşdyrylypdyr. Awtomatlaşdyrylan bu ulgam howa şertine laýyklykda ganatlaryň açylyp-ýapylmagyny üpjün edýär.

**«Museo Soumaya», Meksika.** Mehiko şäheriniň meşhur binalarynyň biri bolan bu muzeý owadan daşky görnüşi hem-de gijesine lowurdap şöhle saçmagy bilen ünsi özüne çekýär. Muzeý iki binadan ybarat bolup, muzeýiň esasy bölegi Plaza Karsoda ýerleşýär. Beýikligi 46 metre ýetýän 6 gatly binada



damja meňzeş 16 müň altyburçluk bar. Meşhur binagär Fernando Romeron muzeýiň taslama işinde suwdan ylham alypdyr. Binada gadymy tapyndylar bilen birlikde sungat eserleriniň 66 müňden gowragy saklanýar. Şeýle hem bu ýerde heýkellere hem-de nusgawy surat eserlerine duş gelmek bolýar.

**Geljegiň muzeýi, BAE.** Häzirki wagta çenli binagärlik taslamalarynyň içinde iň çylşyrymlysy hasaplanýan Geljegiň muzeýi Dubaý şäherinde ýerleşýär. Emeli baýryň üstünde gurlan muzeýiň daşky görnüşi süýnmek halkaly ýüzüge



meňzeýär. Gurluşygyna 2018-nji ýylda başlanan desga 2022-nji ýylda ulanmaga berilýär. Dubaýyň täsin galdyryjy desgalarynyň biri bolan Geljegiň muzeýi 7 gatdan ybarat bolup, sergiler, tehnologik oýlap tapyşlaryň görkezilişi ýaly köpçülikleýin çäreler geçirilýär.

# Iň çylşyrymly awtoulag ýoly

Şäherlerde ulag serişdeleriniň hereket etmegi we gatnawy amala aşyrmak üçin iň zerur bolan infrastrukturalaryň biri hem ýol ulgamydyr. ABŞ we Hytaý dünýäde iň uzyn ýol ulgamy bolan ýurtlar hasaplanýar. Hytaýda 190 müň 700 kilometr uzynlykda awtoulag ýoly bar. Hytaý diňe bir awtoulag ýollaryny gurmak bilen çäklenmän, eýsem, ýol-ulag ulgamy bilen bagly birnäçe akylly çözgütleri hem işläp düzýär. Şeýle çözgütleriň biri hem Çunçin şäherinde ýerleşýän awtoulag aýlawydyr.





Huanszýuewan çatrygy diýlip atlandyrylýan bu geçelge şäher merkeziniň gündogarynda, Ýanszi derýasynyň sag kenarynda ýerleşýär. Şähere daşyndan gelýän iki sany ýokary tizlikli awtoýoly birleşdirýän çatryk sürüjileri aljyraňňy ýagdaýa salýar. 5 gatly aýlaw aýratynlykda 20 ugra bölünýär. 16 kilometr uzynlykdaky labirint geçelgäniň beýikligi 37 metre barabar. Başgaça aýdanyňda, Huanszýuewan geçelgesiniň beýikligi 12 gatly bina bilen deň. Aýlawa ýoluň birinji gatynda 8 ýerden girip bolýar. Bu aýlawa golaýlanyňda eger-de ugruňy ýalňyşsaň, ýagny başga halka girseň, onda ýüzlerçe kilometr ýol geçip, täzeden çatryga dolanmaly bolýar. Şol sebäpli sürüjiler aýlawa girmezden ozal, onlaýn karta arkaly gitmeli ugruny we münmeli köprüsini seljerýärler. Dünýäniň iň çylşyrymly aýlawy hasaplanýan bu çatrygyň gurluşyk işlerine 2009-njy ýylda başlanyp, 2017-nji ýylda ulanyşa berilýär.

# Ýatmazdan öň dişiňi ýuwmak zerurmy?

**Bilermenler dişiňi her gün iki gezekden köp ýuwmagy maslahat bermeýärler. Esasan hem, dişi agşam naharyndan soň, ýatmazdan öň ýuwmak saglyk üçin örän peýdalydyr. Uzakly gün agyzda toplanan iýmit galyndylaryny ýatmazdan öň arassalap aýyrmak kadaly uklamaga, ýürek-damar ulgamyny goramaga ýardam edýär. Diş çotgasyna noýba ýaly ululykda diş pastasyny damdyrmaly. Diş pastasyny aşa köp guýmak maslahat berilmeýär. Dişi azyndan 2 minutyň dowamynda arassalamaly. Çaltlyk bilen arassalananda, dişleriň arasyndaky iýmit galyndylary doly aýrylmaýar. Şol sebäpli howlukmazdan dişleri ýeterlik derejede çotgalamaly. Diş pastasynyň köpürjigini doly derejede agyz boşlugyndan aýyrmaly. Munuň üçin agzyňy birnäçe gezek çaýkamaly.**



**Diş pastasyny bilmezden ýuwutmak ýa-da köpürjikli suw içmek saglyk üçin zyýanlydyr. Dişleri arassalamagy başga zatlara üns bermezden we geplemezden ýerine ýetirmeli. Diş çotgasynyň we pastanyň dişiň syrçasyna zyýan bermeýän görnüşini saýlamaly. Her 3 aýdan diş çotgasyny çalşyp durmaly. Diş çotgasynyň könelmegi agyz boşlugynda ýaralaryň we mikroblaryň döremegine getirip bilýär. Diş çotgasyny agzy gapakly gapda ýa-da ýapyk ýerde saklamaly.**




# AMAZONKA – KÖPRÜSIZ DERÝA

Uzynlygy, takmynan, 6 müň 800 kilometre barabar bolan Amazonka derýasy özüniň bol suwy, fauna we flora dünýäsi bilen täsin görnüşi emele getirýär. Nil derýasyndan soň iň uzyn derýa hasaplanýan Amazonka esasy 3 ýurtdan: Braziliýadan, Kolumbiýadan, Perudan, şeýle hem Wenesuelanyň, Ekwadoryň we Boliwiýanyň çäginden akyp geçýär. Derýanyň esasy bölegi Braziliýada ýerleşýär. Amazon tokaýlyklaryny «iýmitlendirýän» Amazonka sekuntda, takmynan, 219 müň kub metr süýji suwy ummana guýýar.

Amazonka derýasynda geň galdyryjy zatlaryň biri derýanyň üstünden geçýän ýekeje-de köpriniň ýoklugydyr. Daş-töweregi göm-gök tokaýa bürenen derýanyň o kenaryndan bu kenaryna diňe gämili ýa-da gaýykly geçip bolýar. Ýagyş möwsüminde derýanyň suwy adaty ýagdaýyndan 30 metre çenli ýokarlanýar. Amazonkada başga ýerde gabat gelmeýän «boto» diýlip atlandyrylýan, diňe süýji suwda ýaşaýan delfinlere we maňlaýy tüňňi, sarymtyl-ýaşyl reňkli dorado balygyna duş gelmek bolýar.

Şahalanyp akýan Amazonka derýasy ýokardan seredeniňde egrem-bugram bolup barýan ýylana meňzeýär. Köpleriň ünsüni özüne çekýän bu derýada syýahatçylar üçin gämili gezelençler guralýar. Amazon tokaýlygy bilen derýanyň utgaşykly gözelliginden lezzet alýan syýahatçylar mör-möjekleriň, guşlaryň, ösümlikleriň, maýmynlaryň hem-de gaplaňlaryň dürli görnüşlerini ýakyndan synlap bilýärler. Duýdansyz wakalary we täsirli başdangeçirmeleri halaýanlar üçin Amazonka iň gowy tebigy syýahatçylyk merkezleriniň biridir. Amazonka gelýän syýahatçylara amazon obalary, ilaty we medeniýeti bilen tanyşmaga mümkinçilik döreýär. Bu ýerde syýahatçylara ýerli nahar bişirmek ussatlygyny görkezmek bilen bir hatarda, agaja dyrmaşmak, açyk eýwanly jaýjagazlarda dynç almak hem-de agaja surat çekmek ýaly çäreler hödürlenýär.

**«Miweleriň şasy» lakamy bilen tanalýan durianyň ululygy 30 santimetre barabar bolup, agramy 8 kilograma ýetýär.**

## ÇAGALAR DÜNÝÄSI

# Balyklar buzuň astynda NÄDIP ÝAŞAÝAR?!

**Gyş paslynyň gelmegi bilen janly-jandarlardyr mör-möjekleriň köpüsi gyş ukusyna gidýär. Bu pasylda tebigat ap-ak dona bürenip, derýalardyr kölleriň ýüzi bolsa, buz bilen örtülýär. Howanyň sowuk günleri uçup ýören gargadyr gyrda iýmit gözläp ýören towşana gabat geläýmeseň, tebigaty ümsümlik gurşap alýar. Megerem, doňan suwuň (akaba, köl) üstünde buzda typmak we gar zyňşyp oýnamak gyş paslynyň iň gyzykly güýmenjeleri bolsa gerek. Eýsem, siz buzuň üstünde typýan wagtyňyz buz gatlagynyň aşagynda balyklaryň nädip ýaşaýandygy barada pikir edip gördüňizmi?!**

Gyş paslynda beýleki janly-jandarlar ýaly balyklar hem howa şertine görä hereket edip başlaýarlar. Balyklar bedeniniň temperaturasyny kadaly saklamak üçin haýal hereket edýärler hem-de köpräk dynç alýarlar. Howanyň temperaturasy 4 derejeden aşak düşende kölüň ýokarky gatlagy doňýar we 2-3 metr çuňluga çenli suw örän sowaýar. Şeýlelikde, dykyz suwuň aşagyndaky balyklar ýylylygy saklamak we kadaly dem almak üçin kölüň düýbüne tarap gidýärler. Hünärmenleriň bellemegine görä, çuň bolmadyk suwda ýaşaýan balyklar gyş paslynda suwa gaçan guran agaçlaryň ýa-da daşyň köweginde wagtlaýyn mesgen tutýarlar. Buz jaýryklary, uly daşlar ýa-da guran agaçlar balyklaryň ýaşamagyna we bedeniniň ýylylygyny kadaly saklamagyna ýardam edýär. Balyklaryň köpüsi howanyň sowamagy bilen suwuň 9-12 metre çenli çuňlugyna göçüp gidýärler. Daşy teňňeli jandarlaryň käbiri bolsa suwuň ýalpak ýerinde palçyga gömlüp ýatyp, gyşdan çykýar.

**BALYKLAR GYŞDA NÄME IÝÝÄRLER?**

Howanyň sowamagy bilen balyklaryň bedeniniň alyş-çalşygy (metabolizm) örän haýallaýar. Şol sebäpli balyklar örän haýal hereket edýärler we käwagt iýmitlenýärler. Adatça, ot iýýän balyklar buzuň astynda ýaşamakda ejir çekip, iýmit ýetmezçiligi bilen bagly köp kynçylyklary başdan geçirýärler. Ýyrtyjy balyklar bolsa, iýmit ýetmezçiligine mätäçlik duýmaýarlar. Gyş paslynda suwuň düýbünde ösümligiň ýokdugy sebäpli, ot iýýän balyklar hem mör-möjekler bilen oňňut etmeli bolýar.

**BALYKLAR ANTARKTIDADA NÄDIP ÝAŞAÝARLAR?**

Antarktidada balyklaryň ähli görnüşi ýaşap bilmeýär. Sowuk materikde daşy teňňeli jandaryň Antarktida gyýak dişli balygy, Antarktida kümüş balygy, ak ganly balyk, patagoniýa gyýak dişli balygy we ulitka buz balygy ýaly görnüşleri ýaşaýar. Balygyň bu görnüşleriniň ganynda tebigy antifriz belogy bolup, suwuň temperaturasy noldan aşak düşende hem doňmazdan ýaşap bilýärler. Polýar balyklarynyň köpüsi ýyrtyjy balyklara degişli bolup, deňiz jandarlary bilen iýmitlenýärler. Antarktidada suwuň sowuklygy ortaça -2 derejede saklanýar.



## Atlar bilen bagly gyzykly maglumatlar



- Atlar dik duran ýerinde uklap bilýärler. Atlaryň ýykylman dynç almagy üçin aýaklaryny «gulplamaga» mümkinçilik berýän tendonlar ulgamy bar.
- Atlar beýleki janly-jandarlardan tapawutlylykda diňe burnundan (minutda 8-14 gezek) dem alýar.
- Atlaryň 180 derejede aýlanyp bilýän, 10 myşsaly gulagy bar. Bu jandarlar çawuş sesi hem eşidip bilýärler.
- Atlar, takmynan, 360 dereje görüş meýdanyna eýedir. Bilermenler muny atlaryň gözüniň kellesiniň iki gapdalynda ýerleşmegi bilen düşündirýärler.
- Atlar uzak wagtlap ýatda saklamak hem-de tanamak ukybyna eýedir.
- Atlar biri-birine kömek edip bilýän duýguçyl jandarlar hasaplanýar.
- Atyň ýaşyny dişine görä hasaplap bolýar.
- Atyň iň kiçi tohumyna Falabella diýilýär. Girdenek atyň boýy 40-75 santimetre, agramy 20-60 kilograma barabar.
- Gylýallar maşgalasynyň iň uly görnüşi Şire aty bolup, atyň bu tohumynyň boýy 168-183 santimetre, agramy 1 tonna çenli ýetýär.

# Durian – ýakymsyz ysly miwe

Ýakymsyz ysy bilen tapawutlanýan daşy tikenli we ägirt uly tropik miweleriň biri hem duriandyr. Ata Watany Günorta-Gündogar Aziýa hasaplanýan bu miwe malaý dilindäki «duri» sözünden gelip çykyp, «tiken» diýmegi aňladýar. Ajymtyk tagamy bolan bu miwäni ýakym-



syz ýiti ysy sebäpli jemgyýetçilik ulaglarynda we myhmanhanalarda iýmek gadagan edilýär. Malaýziýada, Tailandda, Wýetnamda, Hindistanda we Indoneziýada ösdürilip ýetişdirilýän durian miwesi C, B witaminleriniň, kaliý, magniý we demir ýaly peýdaly mineralllaryň çeşmesi hasaplanýar. Aziýada «Miweleriň şasy» ady bilen tanalýan bu miwäniň ululygy 30 santimetre barabar bolup, agramy 8 kilograma ýetýär. Jekfruta meňzeş bu miwäniň daşy piramida meňzeş tikenler bilen düzülip, iýilýän bölegi ak özen bilen bölünen 5 bölekden ybarat. Miwäniň iýilýän bölegi sarymtyl-gyzyl reňkde bolup, edil pyrtykal ýaly arassalanyp iýilýär.



Durian hemişe gök öwüsýän agaçda bitýär. Miwesi bilen atdaş agajyň şahasy seýrek bolup, uly ak we gyzyl gülleri bolýar. Adatça, bu agajyň gülleri gijesine açylýar we arylar tarapyndan tozanlandyrylýar. Miwesi göni baldagynda bitýän bu ösümligiň boýy 25-30 metre ýetýär. Gurakçylyga çydamly durian agajy çägesöw toprakda bitýär. 100 ýyla çenli ýaşaýan bu agaç 4-6 ýyldan soň miwe berip başlaýar. Agaç näçe garradygyça, miwesi hem şonça köpelýär. Durianyň ullakan miweleri bişenden soň, gabygy ýarylyp ýere gaçyp başlaýar.




**NÄDIP IÝMELI?**

**Durianyň gowy bişenini saýlamak üçin içine kakyp görmeli. Içi boş ýaly eşidilýän bolsa, bu iýmäge ýaramlysy hasaplanýar. Ýiti ysly miwäni daşarda kesmek we derrew iýmek maslahat berilýär. Dünýäniň ekzotik miweleriniň arasynda birinji orunda durýan durian terligine iýilmek bilen bir hatarda, guradylan, gaplanan we jem görnüşinde eksport edilýär. Miwäniň gabygy balygy tüssede kakatmak üçin peýdalanylýar. Miwäniň düzüminde kükürt (aminokislotalar we fermentler) saklanýandygy sebäpli, porsy ysly duýulýar. Tailandda her ýylyň maý-iýun aýlarynda bu miwäniň ýetişmegi bilen baglanyşykly Durian festiwaly geçirilýär. Dünýäde her ýyl 3 million tonna durian hasyly alynýar. Porsy miwäni eksport etmekde Malaýziýa, Tailand we Indoneziýa öňdeligi eýeleýär.**

**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**Labirint**



**7 tapawudy tapyň!**



**Gyzykly pursat**






# «Arkadag» — «Al-Nassr»: taryhy duşuşyk

**Geljek hepdäniň çarşenbe güni, has takygy, 11-nji fewralda paýtagtymyzda taryhy futbol duşuşygy geçiriler. AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynyň çäginde 1/8 finalda ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary bilen Saud Arabystanynyň meşhur klublaryndan «Al-Nassr» topary duşuşar. Duşuşyk paýtagtymyzdaky 45 müň orunlyk Olimpiýa stadionynda geçiriler. Oýun 18:45-de başlanar.**

«Arkadag» topary bu ýaryşda «B» toparçada çykyş edip, 7 utuk toplady we Kataryň «Al-Ahli» toparyndan soň 2-nji orny eýeledi. Ýurdumyzyň çempiony 1 oýunda ýeňiş gazanyp, 4 duşuşykda-da deňme-deň oýnady we 1 oýunda-da ýeňlişe sezewar boldy. «Arkadag» topary toparçada «Al-Ahli» (1–1, 2–2), «Al-Haldiýa» (0–2, 1–0) hem-de «Andijon» (1–1, 0–0) toparlary bilen duşuşdy.

«Al-Nassr» topary «D» toparçada çykyş edip, 6 duşuşygynda-da garşydaşlaryndan üstün çykmagy başardy. «Al-Zawrany» 2–0, 5–1, «Istikloly» 5–0, 4–0, «Goa» toparyny-da 4–0, 2–1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi.

Häzirki wagtda «Al-Nassr» topary Saud Arabystanynyň çempionatynda sanawyň lideri «Al-Hilaldan» 1 utuk yzda, 2-nji orunda barýar. Düzüminde Kristiano Ronaldo, Sadio Mane, Žoao Feliks, Marselo Brozowiç, Kingsli Koman, Mohamed Simakan, Inýigo Martines ýaly ýyldyz oýunçylary bolan topara portugaliýaly meşhur hünärmen Žorže Žežuş tälim berýär.

«Al-Nassr» topary mundan öňem türkmen klublary bilen duşuşyk geçiripdi. «Al-Nassr» 1995-nji ýylda şol wagtky ady Aziýa klub çempionaty (häzirki AFK Çempionlar Ligasy Elite) ýaryşynyň çäginde «Köpetdag» topary bilen duşuşypdy. Er-Riýad şäherinde toparçalaýyn we merkezleşdirilen görnüşde geçirilen çärýek finalyň çägindäki şol duşuşykda arap topary Ibrahim Al-Issanyň 80-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňiş gazanýar.

«Köpetdag» bilen «Al-Nassr» klublary 2 ýyldan soň AFK-nyň şol wagtky başga bir ýaryşynda, Aziýa Kubokçylaryň Kubogy bäsleşiginiň ýarym finalynda hem duşuşýar. Şol taryhy oýunda «Al-Nassr» 2-1 hasabynda ýeňiş gazansa-da, türkmen futbolçylary erjel oýun görkezýär (Al-Jaman 11, Majed Abdullah 39 — Ýuri Magdiýew 79). «Al-Nassr» topary şol ýyllaryň meşhur ýyldyzy, bolgariýaly Hristo Stoýçkowy 2 oýunlyk (ýarym final we final üçin) kärendesine alýar. Ýarym finalda Stoýçkow «Köpetdag» toparynyň garşysyna 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmeýär. Onuň uran urgusyny derwezeçi Ýewgeniý Naboýçenko sowmagy başarýar. Soňlugy bilen, «Al-Nassr» finalda Stoýçkowyň 9-njy minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňiş gazanyp, kubogy eýeleýär.

# Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyrynyň bijeleri belli boldy

UEFA Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyrynyň bijeleri çekildi. Bijä laýyklykda, sanawy 9-njy ýerde tamamlan «Real Madrid» bilen «Benfika» duşuşar. Iki topar liga tapgyrynda-da 8-nji duşuşyklaryň çäginde hem gabatlaşypdy we portugal kluby 4-2 hasabynda ýeňipdi. «Interiň» bijesine bolsa Norwegiýanyň «Bude-Glimt» topary düşdi. Soňky çempion PSŽ edil geçen möwsümdäki ýaly, pleý-off tapgyrynda ýene-de fransuz kluby bilen, bu gezek «Monako» bilen 1/8 finala çykmak üçin göreşer. Geçen möwsümde PSŽ topary «Brest» toparyny uly hasaplar bilen ýeňip, ýaryşdan çykarypdy. Şeýle-de, «Galatasaraýyň» bijesine «Ýuwentus» çykdy. Pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklary 17-18-nji fewralda, jogap oýunlary bolsa 24-25-nji fewralda geçiriler. 1/8 finalyň bijeleri bolsa 27-nji fewralda çekiler.



**Pleý-off tapgyrynyň bijeleri:**
Monako – Pari Sen-Žermen
Galatasaraý – Ýuwentus
Benfika – Real Madrid
Borussiýa Dortmund – Atalanta
Garabag – Nýukasl
Klub Brýugge – Atletiko Madrid
Bude-Glimt – Inter
Olimpiakos – Baýer





# Finalda «Arsenal» bilen «Mançester Siti» duşuşar

Angliýanyň Liga Kubogynda (EFL Cup) finalçylar belli boldy. London derbisinde «Arsenal» öz meýdançasynda hem «Çelsini» ýeňmegi başardy. Kai Hawertsiň 90+7-nji minutdaky goly bilen üstün çykan «Arsenal» 1-nji oýunda-da 3-2 hasabynda utupdy. «Arsenalyň» finaldaky bäsdeşi «Mançester Siti» bolup, şäherliler öz meýdançasynda «Nýukasly» Marmuş (7, 29) hem-de Reýndersiň (32) gollary bilen 3-1 hasabynda ýeňdi. 1-nji oýunda 2-0 hasabynda utan «Mançester Siti» bilen «Arsenalyň» arasyndaky final duşuşygy 22-nji martda Londondaky «Wembley» stadionynda oýnalar.

«Mançester Siti» 10-njy, «Arsenal» 9-njy gezek finala çykyp, şäherliler 8, topçular bolsa 2 sapar ýeňiji boldy.

* * *

Italiýanyň Kubok ýaryşynda «Torinony» Bonni we Diufyň gollary bilen 2-1 hasabynda ýeňen «Inter» soňky 30 ýylda 19-njy gezek ýarym finala çykdy.

Germaniýanyň Kubok ýaryşynda-da «Baýer» öz meýdançasynda «Sankt Paulini» (Terrier 32, Şik 62, Hofmann 90+2), «Ştutgart» bolsa myhmançylykda «Holştaýn Kieli» (Undaw 56, Fürih 89, Krazor 90+2) 3-0 hasabynda ýeňip, ýarym finala atlaryny ýazdyrdylar.

Ispaniýanyň Şa Kubogy ýaryşynda «Barselona» myhmançylykda «Albaseteni» 2–1, «Real Sosiedad» «Alawesi» 3–2, «Atletik Bilboa» bolsa «Walensiýany» 2–1 hasaplar bilen ýeňip, ýarym finala çykdy.



# Benzema «Al-Ittihaddan» «Al-Hilala» geçdi

**Saud Arabystanynyň çempionatynyň lideri «Al-Hilal» topary ligadaky garşydaşy «Al-Ittihadyň» fransiýaly ýyldyzy Karim Benzemany düzümine goşdy. «Al-Ittihad» bilen şertnamasyny ýatyran 38 ýaşyndaky Benzema «Al-Hilal» bilen 1,5 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Ol «Al-Ittihadyň» teklip eden täze şertnamasyndan nägile bolup, klubdan gaýtdy. «Al-Nassrda» çykyş edýän Kristiano Ronaldo ozalky topardaşynyň «Al-Hilala» geçmegine öz nägileligini bildirse-de, fransiýaly hüjümçi Jidda şäherinden paýtagta geçdi.**

**Saud Arabystanyna gelmezden öň diňe «Lion» hem-de «Real Madrid» klublarynyň köýnekçelerini geýen Benzema fransuz toparynda 148 oýunda 66, ispan toparynda bolsa 648 duşuşykda 354 gol geçirdi. Benzema «Al-Ittihad» toparynda 2,5 möwsüm çykyş edip, 87 duşuşykda 57 goly derweze girizdi. Ýyldyz hüjümçi Fransiýanyň milli ýygyndysynda-da 97 gezek meýdança çykyp, şolarda 37 gezek tapawutlandy.**

# ÝEWROPA LIGASYNDA LIGA TAPGYRY TAMAMLANDY

UEFA-nyň 2-nji derejeli klub ýaryşy bolan Ýewropa Ligasynda liga tapgyrynyň duşuşyklary tamamlandy. Fransiýanyň wekili «Lion» topary öz meýdançasynda PAOK-y 4–2 hasabynda ýeňip, 7-nji ýeňşini gazandy we liga tapgyryny lider hökmünde tamamlady. Edil şonuň ýaly, utugy 21 bolan «Aston Willa» topary 8-nji duşuşygynda taryhy kembek bilen ýeňiş gazanmagy başardy. Öz meýdançasynda «Red Bull Salsburgy» kabul eden birmingemliler myhmanlaryň 2–0 hasabynda öňe saýlanmagynyň öňüni alyp bilmediler (Lindelöf 33 ö.d., Ýeo 49). Ýöne özüni dürsän «Aston Willa» 64-nji minutda Rojersiň, 76-njy minutda-da Mingsiň gollary bilen hasaby deňledi. Oýnuň esasy wagtynyň tamamlanmagyna 3 minut galanda Jimoh-Alabanyň goly bilen ýeňiş gazanmagy başardy.



Şunlukda, «Lion», «Aston Willa», «Midtýullann», «Betis», «Porto», «Braga», «Fraýburg» hem-de «Roma» toparlary 1/8 finala çykdy.

«Genk», «Bolonýa», «Ştutgart», «Ferenswaroş», «Nottingam Forest», «Wiktoriýa Plzen», «Srwena Zwezda», «Selta» toparlary degişlilikde, 9–16-njy orunlary eýelän bolsalar, PAOK, «Lill», «Fenerbahçe», «Panatinaikos», «Seltik», «Ludogores Razgrad», «Dinamo Zagreb», «Brann» klublary-da 17–24-nji orunlarda sanawy tamamladylar. 9–24-nji orunda tamamlanlar pleý-off tapgyrynda duşuşarlar.

Niderlandlaryň 3 toparynyňam ýaryşdan çykmagy aýratyn bellärliklidir.

**8-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

Aston Willa—Red Bull Salsburg: 3–2, Seltik—Utreht: 4–2, Porto—Reýnjers: 3–1, Bazel—Wiktoriýa Plzen: 0–1, Midtýullann—Dinamo Zagreb: 2–0, Srwena Zwezda—Selta: 1–1, FKSB—Fenerbahçe: 1–1, Gou Ehed Iglz—Braga: 0–0, Genk—Malmö: 2–1, Lill—Fraýburg: 1–0, Makkabi Tel-Awiw—Bolonýa: 0–3, Nottingam Forest—Ferenwaros: 4–0, Lion—PAOK: 4–2, Panatinaikos— Roma: 1–1, Ludogores Razgrad—Nissa: 1–0, Betis—Feýenoord: 2–1, Şturm Gras—Brann: 1–0, Ştutgart—Ýang Boýz: 3–2

**Pleý-off tapgyrynyň bijeleri çekildi**

UEFA Ýewropa Ligasynda-da pleý-off tapgyryň bijeleri çekilip, futbol janköýerlerine «Seltik»—«Ştutgart», «Fenerbahçe»—«Nottingam Forest», «Lill»—«Srwena Zwezda» duşuşyklary garaşýar. 1-nji duşuşyklar 19-njy, jogap duşuşyklary bolsa 26-njy fewralda geçiriler.

**Pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary:**

Ludogores Razgrad—Ferenswaroş, Panatinaikos—Wiktoriýa Plzen, Dinamo Zagreb—Genk, PAOK—Selta, Seltik—Ştutgart, Fenerbahçe—Nottingam Forest, Brann—Bolonýa, Lill—Srwena Zwezda.

# 90-njy MINUTDAN SOŇ GEÇIRILEN GOLLAR

Angliýanyň çempionatynda öňdebaryjy «Arsenal» myhmançylykda «Lids Ýunaýtedi» Zubimendi, Darlow (ö.d.), Gýokereş hem-de Žesusyň gollary bilen 4-0 hasabynda utdy. Tapgyryň merkezi duşuşygynda «Tottenham» öz meýdançasynda «Mançester Siti» bilen 2-2 hasabynda deňme-deň oýnady. Duşuşykda şäherliler Şerki we Semenýonyň gollary bilen 1-nji ýarymda öňe saýlansa-da, 2-nji ýarymda Solanke 2 gezek tapawutlanyp, hasaby deňlemegi başardy. «Aston Willanyň» öz meýdançasynda «Brentforddan» asgyn gelen tapgyrynda «Liwerpul» «Anfield»-de «Nýukasly» 4-1 hasabynda ýeňdi. Çempionatda 5 oýundan soň ýeňiş gazanan «Liwerpulyň» gollaryny Ekitike (2), Wirts hem-de Konate derwezä girizdi.



Maýkl Kerrigiň tälimçilinde çempionatdaky 3-nji duşuşygyny «Fulham» bilen geçiren «Mançester Ýunaýted» 90+1-nji minutda hasaby deňletse-de, 90+4-nji minutda Şeşkonyň goly esasynda ýeňşini baýram etdi (3-2). London derbisinde «West Ham» myhmançylykda «Çelsi» bilen duşuşyp, Bowen hem-de Sammerwilliň gollary esasynda 2-0 hasabynda öňe geçdi. Ýöne ruhdan düşmedik «Çelsi» 2-nji ýarymda Žoao Pedronyň, Kukurelýanyň hem-de 90-njy minutdan soň Enzo Fernandesiň gollary bilen 3-2 hasabynda üstün çykmagy başardy. Angliýanyň çempionatynda 24-nji tapgyrda 90-njy minutdan soň 6 gol geçirilip, şolaryň käbiri hasaby deňlese, käbirleri ýeňiş getirdi, käbirleri-de aratapawudy artdyrdy.



# «Milan» 22, «Inter» 11 oýundan bäri utulman gelýär



Italiýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Inter» myhmançylykda «Kremoneze» toparyny Lautara Martines bilen Zielinskiniň ajaýyp gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. «Interdäki» gollarynyň sanyny 128-e ýetiren Lautara Martines klubuň taryhynyň iň netijeli futbolçylarynyň sanawynda 4-nji orna beýgeldi. 2-nji orunda barýan «Milan» topary myhmançylykda «Bolonýanyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. Gollary Loftis-Çik, Nkunku hem-de Rabio öz atlaryna ýazdyrdylar. «Ýuwentus» myhmançylykda «Parmany» Bremeriň (2), MakKenniniň hem-de soňky oýunlarda yzygiderli tapawutlanýan Jonatan Dewidiň gollary bilen 4–1 hasabynda utdy. «Romanyň» myhmançylykda «Udinezeden» utulan tapgyrynda (1-0) soňky çempion «Napoli» öz meýdançasynda «Fiorentinany» Wargara hem-de Gutierresiň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi.




**6-njy fewral (anna)**
Al-Nassr – Al-Ittihad (22:30)

**7-nji fewral (şenbe)**
M. Ýunaýted – Tottenham (17:30)
Wolfsburg – Borussiýa D (19:30)
Arsenal – Sanderland (20:00)
Bornmut – Aston Willa (20:00)
Wulwerhempton – Çelsi (20:00)
Barselona – Malýorka (20:15)
Lans – Renn (21:00)
Jenoa – Napoli (22:00)
Nýukasl – Brentford (22:30)
Borussiýa M – Baýer (22:30)

**8-nji fewral (ýekşenbe)**
Liwerpul – Man. Siti (21:30)
Bawariýa – Hoffenhaým (21:30)
Sassuolo – Inter (22:00)
Atletiko – Betis (22:30)
Olimpiakos – Panatinaikos (00:00)
Ýuwentus – Lasio (00:45)
PSŽ – Marsel (00:45)
Walensiýa – Real Madrid (01:00)
Porto – Sporting (01:45)

**9-njy fewral (duşenbe)**
Roma – Kaliari (00:45)
Wilýarreal – Espanýol (01:00)

**10-njy fewral (sişenbe)**
Tottenham – Nýukasl (00:30)
Çelsi – Lids (00:30)
West Ham – M. Ýunaýted (01:15)

**11-nji fewral (çarşenbe)**
Aston Willa – Braýton (00:30)
Man. Siti – Fulham (00:30)
Sanderland – Liwerpul (01:15)

**12-nji fewral (penşenbe)**
Brentford – Arsenal (01:00)

# «Bawariýa» ýene utuk ýitirdi

Germaniýanyň çempionatynda «Bawariýa» 2-nji duşuşygynda utuk ýitirdi. Geçen tapgyrda ýeňlişsiz ýörişi tamamlanan münhenlilere myhmançylykda «Hamburgy» ýeňmek başartmady. Duşuşyk 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanyp, ýer eýeleriniň gollaryny Wieira bilen Wuşkowiç, myhmanlaryň gollaryny bolsa Keýn bilen Luiz Diaz geçirdi.



Çekeleşikli geçen oýunda «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda «Haýdenhaýmdan» 3–2 hasabynda üstün çykdy. Dortmundlylaryň gollaryny Anton bilen Girassi (2) geçirdi. Girassi 85-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmän, het-trik etmek mümkinçiligini elden giderdi.

Ispaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Barselona» toparyna myhmançylykda «Elçeni» ýeňmek kyn düşmedi. 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan katalonlaryň gollaryny Ýamal, Torres hem-de Reşford derwezä girizdi. «Barselonanyň» tersine, «Real Madride» öz meýdançasynda «Raýo Wallekanony» utmak ýeňil düşmedi. 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan madridlileriň gollaryny 15-nji minutda Winisius Junior bilen 90+10-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Kilian Mbappe geçirdi. 2 oýunçysy (Pate Siss 60, Çawarriýa 90+13) gyzyl kart alan myhmanlaryň ýeke-täk pökgüsini 49-njy minutda De Frutos derwezä girizdi. 3–4-nji orunlar ugrunda göreşýän «Atletiko» hem-de «Wilýarreal» 22-nji tapgyrda öz garşydaşlary bilen deňme-deň oýnadylar.

Fransiýanyň çempionatynda PSŽ myhmançylykda «Strasbury» kynlyk bilen ýeňmegi başardy. Duşuşykda 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan parižlileriň gollaryny Maýulu (22) bilen Mendeş (81) geçirdi. Ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny PSŽ-niň ýyldyzy Desire Dueniň agasy Gelýa Due (27) derwezä girizdi. Duşuşykda «Strasburyň» argentinaly ýyldyzy Paniçelliniň 20-nji minutda ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusyny derwezeçi Safonow saklamagy başardy. Şeýle-de, PSŽ-de Aşraf Hakimi 70-nji minutda gyzyl kart aldy. «Pariž» bilen «Marseliň» arasyndaky oýunda myhmanlar Grinwud (18 p) hem-de Obameýangyň (53) gollary bilen 2–0 hasabynda öňe geçse-de, oýnuň soňky 10 minutynda Ikone (82) hem-de Kebbalyň (90+4p) tapawutlanmagynda «Pariž» topary ýeňlişden halas boldy.

## PREMIER LEAGUE (24) — 33 gol

**Braýton—Ewerton: 1–1** (Gross 73 — Beto 90+7), **Wulwerhempton—Bornmut: 0–2** (Krupi 33, Skott 90+1), **Lids—Arsenal: 0–4** (Zubimendi 27, Darlow 38 ö.d., Gýokereş 69, Žesus 86), **Çelsi—West Ham: 3–2** (Žoao Pedro 57, Kukurelýa 70, Fernandes 90+2 — Bowen 7, Sammerwill 36), **Liwerpul—Nýukasl: 4–1** (Ekitike 41, 42, Wirts 67, Konate 90+3 — Gordon 36), **A. Willa—Brentford: 0–1** (Uattara 45+1), **M. Ýunaýted—Fulham: 3–2** (Kasemiro 19, Mateus Kunýa 56, Şeşko 90+4 — Himenes 85 p, Kewin 90+1), **N. Forest—K.Palas: 1–1** (Gibbs-Waýt 5 — Sarr 45+2 p), **Tottenham—M. Siti: 2–2** (Solanke 53, 70 — Şerki 11, Semenýo 44), **Sanderland—Börnli: 3–0** (Tuanzabe 9 ö.d., Diarra 32, Talbi 72)

## LA LIGA (22) — 25 gol

**Espanýol—Alawes: 1–2** (Fernandes 15 — Blanko 27, Boýe 71), **Owiedo—Žirona: 1–0** (Çaýra 74), **Osasuna—Wilýarreal: 2–2** (Munios 20, Budimir 45+2 — Moreno 17 p, 70), **Lewante—Atletiko: 0–0, Elçe—Barselona: 1–3** (Rodriges 29 — Ýamal 6, Torres 40, Reşford 72), **Real Madrid—R. Wallekano: 2–1** (Winisius 15, Mbappe 90+10 p — De Frutos 49), **Betis—Walensiýa: 2–1** (Awila 23 p, Fornals 88 – Rioha 20), **Hetafe—Selta: 0–0, Atletik—Real Sosiedad: 1–1** (De Galarreta 88 — Gedeş 37), **Malýorka—Sewilýa: 4–1** (Muriki 26 p, Samu Koşta 53, Darder 74, Pablo Torre 90+6 — Mope 45+1)

## SERIE A (23) — 28 gol

**Lasio—Jenoa: 3–2** (Pedro 56 p, Teýlor 62, Kataldi 90+10 p — Malinowski 64 p, Witinýa 75), **Pisa—Sassuolo: 1–3** (Ebişer 51 — Berardi 25, Karaççolo 45+1 ö.d., Kone 58), **Napoli—Fiorentina: 2–1** (Wargara 11, Gutierres 49 — Solomon 57), **Kaliari—Werona: 4–0** (Mazzitelli 36, Kylyçsoý 45+2, Sulemana 84, Idrissi 90+1), **Torino—Leçpe: 1–0** (Adams 29), **Komo—Atalanta: 0–0, Kremoneze—Inter: 0–2** (Martines 16, Zielinski 31), **Parma—Ýuwentus: 1–4** (Kambiaso 51 ö.d. — Bremer 15, 54, MakKenni 37, Dewid 64), **Udineze—Roma: 1–0** (Ekkelenkamp 49), **Bolonýa—Milan: 0–3** Loftus Çik 20, Nkunku 38 p, Rabio 48)

## BUNDESLIGA (20) — 27 gol

**Köln—Wolfsburg: 1–0** (Maina 29), **Hoffenhaým—Union Berlin: 3–1** (Kramariç 42 p, 45, Leýte 47 ö.d. — Hedira 68), **Leipsig—Maýns: 1–2** (Harder 40 — Amiri 45+5 p, Silas 49), **Werder—Borussiýa M: 1–1** (Topp 90+4 — Tabakowiç 61), **Ausburg—Sankt-Pauli: 2–1** (Gregoriç 41, 59 — Sinani 32 p), **Aýntraht—Baýer: 1–3** (Koh 50 — Artur 26, Tillman 33, Aleş Garsiýa 90+3), **Hamburg—Bawariýa: 2–2** (Wieira 34 p, Wuşkowiç 53 — Keýn 42, Diaz 46), **Ştutgart—Fraýburg: 1–0** (Demirowiç 89), **Borussiýa D—Haýdenhaým: 3–2** (Anton 44, Girassi 68 p, 69 — Nihius 45+5, 48)

## LIGUE 1 (20) — 21 gol

**Lans—Le Hawr: 1–0** (Agilar 45+1), **Pariž—Marsel: 2–2** (Ikone 82, Kebbal 90+4 p — Grinwud 18 p, Obameýang 53), **Loriýan—Nant: 2–1** (Dieng 32, Kuassi 89 — Ablin 74), **Monako—Renn: 4–0** (Fati 33, Akliuş 50, Kulibali 60, Idumbo 89), **Lion—Lill: 1–0** (Narti 37), **Nissa—Brest: 2–2** (Abdi 63, Wai 71 — Del Kastilio 15 p, Dumbiýa 23), **Anže—Mets: 1–0** (Muton 25), **Tuluza—Oser: 0–0, Strasbur—PSŽ: 1–2** (Gelýa Due 27 — Maýulu 22, Mendeş 81)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 24 | 16 | 5 | 3 | 46-17 | 53 |
| 2 | MAN. SITI | 24 | 14 | 5 | 5 | 49-23 | 47 |
| 3 | ASTON WILLA | 24 | 14 | 4 | 6 | 35-26 | 46 |
| 4 | M. ÝUNAÝTED | 24 | 11 | 8 | 5 | 44-36 | 41 |
| 5 | ÇELSI | 24 | 11 | 7 | 6 | 42-27 | 40 |
| 6 | LIWERPUL | 24 | 11 | 6 | 7 | 39-33 | 39 |
| 7 | BRENTFORD | 24 | 11 | 3 | 10 | 36-32 | 36 |
| 8 | SANDERLAND | 24 | 9 | 9 | 6 | 27-26 | 36 |
| 9 | FULHAM | 24 | 10 | 4 | 10 | 34-35 | 34 |
| 10 | EWERTON | 24 | 9 | 7 | 8 | 26-27 | 34 |
| 11 | NÝUKASL | 24 | 9 | 6 | 9 | 33-33 | 33 |
| 12 | BORNMUT | 24 | 8 | 9 | 7 | 40-43 | 33 |
| 13 | BRAÝTON | 24 | 7 | 10 | 7 | 34-32 | 31 |
| 14 | TOTTENHAM | 24 | 7 | 8 | 9 | 35-33 | 29 |
| 15 | KRISTAL PALAS | 24 | 7 | 8 | 9 | 25-29 | 29 |
| 16 | LIDS | 24 | 6 | 8 | 10 | 31-42 | 26 |
| 17 | N. FOREST | 24 | 7 | 5 | 12 | 24-35 | 26 |
| 18 | WEST HAM | 24 | 5 | 5 | 14 | 29-48 | 20 |
| 19 | BÖRNLI | 24 | 3 | 6 | 15 | 25-47 | 15 |
| 20 | W. HEMPTON | 24 | 1 | 5 | 18 | 15-45 | 8 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 22 | 18 | 1 | 3 | 60-23 | 55 |
| 2 | REAL MADRID | 22 | 17 | 3 | 2 | 47-18 | 54 |
| 3 | ATLETIKO M | 22 | 13 | 6 | 3 | 38-17 | 45 |
| 4 | WILÝARREAL | 21 | 13 | 3 | 5 | 39-23 | 42 |
| 5 | BETIS | 22 | 9 | 8 | 5 | 36-28 | 35 |
| 6 | ESPANÝOL | 22 | 10 | 4 | 8 | 26-27 | 34 |
| 7 | SELTA | 22 | 8 | 9 | 5 | 29-23 | 33 |
| 8 | R. SOSIEDAD | 22 | 7 | 7 | 8 | 30-30 | 28 |
| 9 | OSASUNA | 22 | 7 | 5 | 10 | 26-27 | 26 |
| 10 | ALAWES | 22 | 7 | 4 | 11 | 20-27 | 25 |
| 11 | ATLETIK B | 22 | 7 | 4 | 11 | 21-31 | 25 |
| 12 | ŽIRONA | 22 | 6 | 7 | 9 | 21-36 | 25 |
| 13 | ELÇE | 22 | 5 | 9 | 8 | 30-32 | 24 |
| 14 | MALÝORKA | 22 | 6 | 6 | 10 | 28-34 | 24 |
| 15 | SEWILÝA | 22 | 7 | 3 | 12 | 29-37 | 24 |
| 16 | WALENSIÝA | 22 | 5 | 8 | 9 | 23-35 | 23 |
| 17 | HETAFE | 22 | 6 | 5 | 11 | 16-27 | 23 |
| 18 | R. WALLEKANO | 22 | 5 | 7 | 10 | 18-30 | 22 |
| 19 | LEWANTE | 21 | 4 | 6 | 11 | 24-34 | 18 |
| 20 | OWIEDO | 22 | 3 | 7 | 12 | 12-34 | 16 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 23 | 18 | 1 | 4 | 52-19 | 55 |
| 2 | MILAN | 23 | 14 | 8 | 1 | 38-17 | 50 |
| 3 | NAPOLI | 23 | 14 | 4 | 5 | 33-21 | 46 |
| 4 | ÝUWENTUS | 23 | 13 | 6 | 4 | 39-18 | 45 |
| 5 | ROMA | 23 | 14 | 1 | 8 | 27-14 | 43 |
| 6 | KOMO | 23 | 11 | 8 | 4 | 37-16 | 41 |
| 7 | ATALANTA | 23 | 9 | 9 | 5 | 30-20 | 36 |
| 8 | LASIO | 23 | 8 | 8 | 7 | 24-21 | 32 |
| 9 | UDINEZE | 23 | 9 | 5 | 9 | 26-34 | 32 |
| 10 | BOLONÝA | 23 | 8 | 6 | 9 | 32-30 | 30 |
| 11 | SASSUOLO | 23 | 8 | 5 | 10 | 27-29 | 29 |
| 12 | KALIARI | 23 | 7 | 7 | 9 | 28-31 | 28 |
| 13 | TORINO | 23 | 7 | 5 | 11 | 22-40 | 26 |
| 14 | JENOA | 23 | 5 | 8 | 10 | 27-34 | 23 |
| 15 | KREMONEZE | 23 | 5 | 8 | 10 | 20-31 | 23 |
| 16 | PARMA | 23 | 5 | 8 | 10 | 15-30 | 23 |
| 17 | LEÇÇE | 23 | 4 | 6 | 13 | 13-30 | 18 |
| 18 | FIORENTINA | 23 | 3 | 8 | 12 | 25-36 | 17 |
| 19 | PISA | 23 | 1 | 11 | 11 | 19-40 | 14 |
| 20 | WERONA | 23 | 2 | 8 | 13 | 18-41 | 14 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 20 | 16 | 3 | 1 | 74-18 | 51 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 20 | 13 | 6 | 1 | 41-19 | 45 |
| 3 | HOFFENHAÝM | 20 | 13 | 3 | 4 | 43-23 | 42 |
| 4 | ŞTUTGART | 20 | 12 | 3 | 5 | 37-26 | 39 |
| 5 | LEIPSIG | 20 | 11 | 3 | 6 | 38-27 | 36 |
| 6 | BAÝER | 19 | 11 | 2 | 6 | 38-26 | 35 |
| 7 | FRAÝBURG | 20 | 7 | 6 | 7 | 31-33 | 27 |
| 8 | AÝNTRAHT | 20 | 7 | 6 | 7 | 40-45 | 27 |
| 9 | UNION BERLIN | 20 | 6 | 6 | 8 | 25-33 | 24 |
| 10 | KÖLN | 20 | 6 | 5 | 9 | 29-32 | 23 |
| 11 | AUGSBURG | 20 | 6 | 4 | 10 | 24-37 | 22 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 20 | 5 | 6 | 9 | 24-33 | 21 |
| 13 | HAMBURG | 19 | 4 | 7 | 8 | 19-29 | 19 |
| 14 | WOLFSBURG | 20 | 5 | 4 | 11 | 28-42 | 19 |
| 15 | WERDER | 20 | 4 | 7 | 9 | 22-38 | 19 |
| 16 | MAÝNS | 20 | 4 | 6 | 10 | 23-33 | 18 |
| 17 | SANKT-PAULI | 20 | 3 | 5 | 12 | 18-34 | 14 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 20 | 3 | 4 | 13 | 19-45 | 13 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 20 | 15 | 3 | 2 | 43-16 | 48 |
| 2 | LANS | 20 | 15 | 1 | 4 | 34-16 | 46 |
| 3 | MARSEL | 20 | 12 | 3 | 5 | 46-22 | 39 |
| 4 | LION | 20 | 12 | 3 | 5 | 33-20 | 39 |
| 5 | LILL | 20 | 10 | 2 | 8 | 34-30 | 32 |
| 6 | RENN | 20 | 8 | 7 | 5 | 30-31 | 31 |
| 7 | STRASBUR | 20 | 9 | 3 | 8 | 33-25 | 30 |
| 8 | TULUZA | 20 | 8 | 6 | 6 | 31-23 | 30 |
| 9 | LORIÝAN | 20 | 7 | 7 | 6 | 27-31 | 28 |
| 10 | MONAKO | 20 | 8 | 3 | 9 | 32-33 | 27 |
| 11 | ANŽE | 20 | 7 | 5 | 8 | 21-25 | 26 |
| 12 | BREST | 20 | 6 | 5 | 9 | 26-33 | 23 |
| 13 | NISSA | 20 | 6 | 4 | 10 | 27-38 | 22 |
| 14 | PARIŽ | 20 | 5 | 6 | 9 | 26-34 | 21 |
| 15 | LE HAWR | 20 | 4 | 8 | 8 | 16-25 | 20 |
| 16 | NANT | 20 | 3 | 5 | 12 | 19-36 | 14 |
| 17 | OSER | 20 | 3 | 4 | 13 | 14-29 | 13 |
| 18 | METS | 20 | 3 | 3 | 14 | 21-46 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Premier League)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 20 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 16 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Man. Siti) | 12 |
| 4 | Hugo EKITIKE (Liwerpul) | 10 |
| 5 | Dominik KALWERT-LÝUWIN (Lids) | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (La Liga)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 22 |
| 2 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 15 |
| 3 | Ferran TORRES (Barselona) | 12 |
| 4 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 10 |
| 5 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Serie A)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 13 |
| 2 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 8 |
| 3 | Niko PAZ (Komo) | 8 |
| 4 | Kenan ÝYLDYZ (Ýuwentus) | 8 |
| 5 | Anastasios DUWIKAS (Komo) | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Bundesliga)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 22 |
| 2 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 11 |
| 3 | Maýkl OLISE (Bawariýa) | 10 |
| 4 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 10 |
| 5 | Haris TABAKOWIÇ (Borussiýa M) | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Ligue 1)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 13 |
| 2 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 11 |
| 3 | Esteban LEPOL (Renn) | 9 |
| 4 | Pawel ŞULS (Lion) | 8 |
| 5 | Wesli SAID (Lans) | 8 |

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Şu gün XXV gyşky Olimpiýa oýunlaryna badalga berler

**Şu gün Italiýanyň demirgazyk sebitinde, Lombardi welaýatynyň çäginde ýerleşýän Milan şäherinde we Kortina-d'Ampezzo şäherçesinde XXV gyşky Olimpiýa oýunlaryna badalga berler. 22-nji fewrala çenli 17 günläp dowam etjek iri sport çäresiniň açylyş dabarasy Milan şäherindäki 80 müň orunlyk «San Siro» stadionynda geçiriler.**




Olimpiýa oýunlaryna jemi 93 ýurtdan 2871 türgen (1533 erkek, 1338 zenan) gatnaşar. Iň köp türgen ABŞ-dan (233), soňra Kanadadan (210) hem-de ýer eýeleri Italiýadan (196) wekilçilik eder. Şeýle-de, Milan-Kortina Olimpiadasy iň köp zenan türgeniň gatnaşýan gyşky Olimpiýa oýunlary bolar. Milan-Kortina Olimpiadasyna gatnaşýan russiýaly türgenler Özbaşdak bitarap türgenler ady bilen gatnaşarlar. Benin, Gwineýa-Bissau hem-de BAE-den gatnaşýan türgenler ilkinji gezek gyşky Olimpiýa oýunlaryna wekilçilik ederler. Wenesuela, Singapur, Günorta Afrika, Urugwaý, Keniýa belli wagtlyk arakesmeden soň ýene-de gyşky Olimpiada gatnaşarlar. Mundan 4 ýyl öň gatnaşan Amerikan Samoasy, Gana, Peru, Timor-Leste hem-de Wirjin adalarynyň wekilleri bu gezek Milan-Kortinada wekilçilik etmezler.

### Ilkinji gezek 8 sport görnüşi, 16 ugry bolar

● Türgenler gyşky sport görnüşleriniň umumylykda 8-siniň 16 ugry boýunça özara bäsleşerler. Sport görnüşleri boýunça iň ýokary görkezijiler Milan-Kortina Olimpiadasynda hasaba alynýar. Geçiriljek 116 ýaryşdan soň şonça türgene aýratynlykda altyn, kümüş we bürünç medallar gowşurylar. Türgenler gyşky sport görnüşleriniň biatlon (biatlon), bobsleý (bobsleý, skeleton), körling, konkili görnüşler (figuralaýyn typmak, konkili sport, şort-trek), hokkeý, ski-alpinizm, sannili typmak, lyža görnüşleri (dag lyžasy, lyžaly ýaryş, iki görnüşli lyža, tramplinden lyžaly bökmek, fristaýl hem-de snoubord) ugurlary boýunça Olimpiýa çempionlygy üçin göreşerler. Ski-alpinizm gyşky Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasynda ilkinji gezek orun alýar. Şol bir wagtyň özünde käbir ugurlaryň käbir ýaryşlary-da ilkinji gezek maksatnama girizildi (fristaýl – parallel mogul, sannili typmakda jübütleýin zenanlar, tramplinden lyžaly bökmek – zenanlar uly tramplin, skeletonda toparlaýyn ýaryş).



### 3-nji gezek Italiýada geçirilýär

● Milan-Kortina Olimpiadasy Italiýada geçirilen 3-nji gyşky Olimpiýa oýunlary bolup, mundan öň 1956-njy ýylda Kortina-d'Ampezzoda VII, 2006-njy ýylda-da Turinde XX gyşky Olimpiada guralypdy.

Gyşky Olimpiýa oýunlary ilkinji gezek 1924-nji ýylda, ýagny 102 ýyl ozal Fransiýanyň Şamoni şäherinde geçirilýär. Halkara Olimpiýa Komitetiniň (HOK) guramaçylygynda geçirilýän gyşky Olimpiýa oýunlary 1992-nji ýyla çenli tomusky Olimpiýa oýunlary bilen bir ýylda guralýar. Her 4 ýyldan geçirilýän bu iri halkara sport çäresiniň 1996-njy ýyldakysy 1994-nji ýylda geçirilýär. Şondan bäri-de ýaryş her 4 ýyldan tomusky Olimpiýa oýunlarynyň geçirilmeýän jübüt ýylynda guralýar. Başgaça aýdylanda, 1994-nji ýyldan bäri sport muşdaklary her 2 ýyldan bir Olimpiýa oýunlarynyň (1 tomusky, 1 gyşky) şaýady bolup gelýär.

Şweýsariýanyň Sankt-Moris (1928, 1948), ABŞ-nyň Leýk Plasid (1932, 1980), Germaniýanyň Garmiş-Partenkirhen (1936), Norwegiýanyň Oslo (1952), Italiýanyň Kortina d'Ampezzo (1956), ABŞ-nyň Skwa Walleý (1960), Awstriýanyň Innsbruk (1964, 1976), Fransiýanyň Grenobl (1968), Ýaponiýanyň Sapporo (1972), şol wagtky Ýugoslawiýanyň Saraýewo (1984), Kanadanyň Kalgari (1988), Fransiýanyň Alberwill (1992), Norwegiýanyň Lillehammer (1994), Ýaponiýanyň Nagano (1996), ABŞ-nyň Solt Leýk Siti (2002), Italiýanyň Turin (2006), Kanadanyň Wankuwer (2010), Russiýanyň Soçi (2014), Koreýa Respublikasynyň Phençhan (2018), Hytaýyň Pekin (2022) şäherdir şäherçelerinde geçirilýär. 1940-njy we 1944-nji ýyllarda Ikinji Jahan urşy sebäpli gyşky Olimpiada geçirilmeýär.




### Norwegiýalylar öňdeligi eýeleýär

● Mundan öňki 24 Olimpiadada norwegiýaly olimpiýaçylar 10 (1924, 1928, 1936, 1948, 1952, 1968, 2002, 2014, 2018, 2022), ozalky SSSR-iň türgenleri 7 (1956, 1960, 1964, 1972, 1976, 1980, 1988), Germaniýanyň wekilleri 3 (1992, 1996, 2006), şol sanda ABŞ-nyň (1932), Şwesiýanyň (1948, Norwegiýa bilen paýlaşýar), ozalky Gündogar Germaniýanyň (1984), Kanadanyň (2010) hem-de Russiýanyň (1994) türgenleri 1 gezek altyn medal sanawynda öňdäki orny eýelediler.

Umumylykda, gyşky Olimpiýa oýunlarynyň taryhynda Norwegiýanyň türgenleri iň öňde barýarlar. Olaryň 148 altyn, 134 kümüş, 123 bürünç, jemi 405 medaly bar. ABŞ-ly gyşky olimpiýaçylar 114 altyn, 121 kümüş, 95 bürünç, jemi 330 medal bilen 2-nji ýerde barýarlar. 3-nji basgançakda germaniýaly türgenler bolup, olar gatnaşan gyşky Olimpiýa oýunlarynda 105 altyn, 97 kümüş, 95 bürünç, jemi 267 medal gazandylar. Ozalky SSSR-iň 4-nji hatarda barýan sanawynda Kanada 5-nji, Awstriýa 6-njy, Şwesiýa 7-nji, Şweýsariýa 8-nji, Niderlandlar 9-njy, Russiýa 10-njy orny eýeläp gelýär.



### Iň köp medal gazanan türgenler

● Gyşky Olimpiýa oýunlarynyň iň köp medally türgeni norwegiýaly lyžaçy zenan Marit Býorgen bolup, onuň 8 altyn, 4 kümüş, 3 bürünç, jemi 15 medaly bar. Onuň watandaşy, biatlonçy Ole Einar Býorndaleniň 14 medaly bolup, ol 8 altyn, 4 kümüş, 3 bürünç medal gazandy. 3-nji orunda niderland konkili typyjy zenan Ireen Wüst bolup, ol 13 (6-5-2) medal gazandy. Norwegiýaly Býorn Deli 12 (8-4-0), italiýaly şort-trekçi Arianna Fontana 11 (2-4-5), ozalky SSSR-li lyžaçy Raisa Smetanina (4-5-1) bilen italiýaly lyžaçy zenan Stefaniýa Belmondo (2-3-5) 10 medal gazanmagy başardy.

### 12 ýurt ähli Olimpiada wekilçilik etdi

● Mundan öňki 24 Olimpiadanyň ählisine gatnaşan 12 ýurt bolup, olar Awstriýanyň, Norwegiýanyň, Kanadanyň, ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň, Wengriýanyň, Italiýanyň, Fransiýanyň, Finlýandiýanyň, Polşanyň, Şwesiýanyň, Şweýsariýanyň türgenleridir. Ýer şarynyň ekwatordan ýokarsynyň gatnaşýan gyşky Olimpiýa oýunlaryna soňky ýyllarda günorta ýarym şardan hem wekilçilik edýänleriň sany artyp başlady.

NHL-de çykyş edýän hokkeýçiler Soçi 2014-den soň ilkinji gezek gyşky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşarlar. Şol bir wagtyň özünde bu Halkara Olimpiýa Komitetiniň 2025-nji ýylyň tomsunda saýlanan täze başlygy Kirsti Kowentriniň ýolbaşçylygyndaky ilkinji Olimpiýa oýunlary bolar.



## TRANSFER TÄZELIKLERI




Italiýanyň «Ýuwentus» topary gyşky transfer möwsüminiň soňky günlerinde 2 futbolçyny düzümine goşdy. Turinliler ilki Fransiýanyň «Nissa» toparyndan kot-d'Iwuarly ýarymgoragçy Žeremi Bogany möwsümiň ahyryna çenli kärendesine transfer etdi. 29 ýaşyndaky oýunçy ozal «Serie A»-da «Sassuolo» hem-de «Atalanta» klublarynda oýnapdy. Şeýle-de, «Ýuwentus» «Serie A»-nyň başga bir topary «Bolonýadan» şwesiýaly 25 ýaşyndaky goragçy Emil Holmy hem möwsümiň ahyryna çenli kärendesine aldy. «Ýuwentus» Holmy tomusda 15+3 million ýewro ymykly düzümine hem goşup biler. «Ýuwentus» topary portugaliýaly ýarymgoragçysy Žoao Mariony-da möwsümiň ahyryna çenli «Bolonýa» toparyna kärendesine ugratdy.




● Italiýaly meşhur hüjümçi Çiro Immobile karýerasyny Fransiýanyň paýtagtynyň adybir topary «Pariž FK»-de dowam eder. 35 ýaşyndaky oýunçy parižliler bilen möwsümiň ahyryna çenli şertnama baglaşdy. Möwsümiň birinji ýarymyny «Bolonýada» oýnan Immobileniň «Parižde» ýene bir ýyl oýnamak mümkinçiligi hem bar. Italiýada «Ýuwentus», «Siena», «Grosseto», «Peskara», «Jenoa», «Torino», «Lasio», «Bolonýa», şol sanda «Borussiýa Dortmund», «Sewilýa», «Beşiktaş» ýaly klublaryň hem köýnekçesini geýen Immobileniň 586 oýunda 304 goly bar.




● Ispaniýanyň «Atletiko Madrid» topary «Serie A»-nyň wekili «Atalantanyň» nigeriýaly ýarymgoragçysy Ademola Lukmany 35+5 million ýewro transfer etdi. Madridliler 28 ýaşyndaky oýunçy bilen 4,5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Lukman karýerasyna «Çarlton Atletikde» başlap, «Ewerton», «Fulham», «Lester Siti», «Leipsig» toparlarynyň köýnekçelerini geýdi. «Atalantada» 4 möwsüm oýnan Lukman şu wagta çenli klublarda 334 oýunda 88 gezek tapawutlandy.



● Angliýanyň «Kristal Palas» topary taryhynyň iň gymmat transferini amala aşyrdy. Londonlylar «Wulwerhempton» toparyndan norwegiýaly hüjümçi Ýorgen Strann-Larseni 49,7 million ýewro transfer etdi. Şu gün 26 ýaşyna gadam basan oýunçy klubuň taryhyndaky iň gymmat transfer hökmünde hasaba alyndy. Täze kluby bilen 4,5 ýyllyk ylalaşyga gol çekişen Strann-Larsen möwsümiň 1-nji ýarymynda «Wulwerhemptonyň» düzüminde 26 oýunda 6 gol geçirdi. Ol öň «Sarpsborg 08», «Groningen», «Selta» klublarynda oýnapdy.

# «Awstraliýa Açyk» tennis ýaryşynyň täze çempionlary

**Tennis boýunça möwsümiň 1-nji «Uly tuwalga» ýaryşy «Awstraliýa Açyk» tamamlandy. 114-nji gezek geçirilen ýaryşda erkekleriň hem-de zenanlaryň arasynda täze çempionlar ýüze çykdy. Erkekleriň arasynda ispaniýaly Karlos Alkaras, zenanlardan gazagystanly Ýelena Rybakina ýeňiji boldy. Iki tennisçi hem 2,8 million amerikan dollaryna golaý (4 million 150 müň awstraliýa dollary) pul baýragy bilen sylaglandy.**

Zenanlaryň arasyndaky finalda sanawyň 1-nji belgilisi, belarusly Aryna Sabalenka bilen 5-nji belgili, gazagystanly Ýelena Rybakina duşuşdy. Çekeleşikli geçen duşuşykda 3 set ýeňijini kesgitledi. 2 sagat 18 minutlap dowam eden finalyň 3 seti hem birmeňzeş netije bilen tamamlandy. 1-nji setde 6:4 gazagystanly Rybakina ýeňiş gazandy. 2-nji set şol hasap bilen Sabalenkanyň peýdasyna tamamlanyp, ol 3-nji setde-de 3:0 öňe geçdi. Ýöne ruhdan düşmedik Rybakina yzly-yzyna 5 oýunda üstün çykyp, hasaby 5:3-e ýetirdi. Soňlugy bilenem, 6:4 hasabynda ýeňiş gazanan Rybakina «Awstraliýa Açykdaky» ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Bu onuň 2-nji «Uly tuwalgasy» bolup, ol 2022-nji ýylda «Wimbledonda» çempionlyk gazanypdy. Şeýle-de, 26 ýaşyndaky Rybakina sanawyň 1-nji hem-de 2-nji belgili tennisçilerini ýeňip, çempionlyk gazanan 4-nji raketkaçy boldy. Ondan öň Jennifer Kapriati, Serena Williams hem-de Medison Kiýz şeýle statistika eýe bolupdy. Galyberse-de, Rybakina finala çenli garşydaşlaryna ýeke set hem bermändi.





Iki tennisçi 2023-nji ýylda-da bu ýaryşyň finalynda duşuşypdy we şonda Sabalenka 4:6, 6:3, 6:4 hasaplar bilen ýeňiş gazandy. Sabalenka «Awstraliýa Açykda» bassyr 4-nji gezek finala çykyp, soňky çärýek asyrda Martina Hingisden soň şeýle görkezijä ýeten ilkinji tennisçi boldy. Şweýsariýaly Martina Hingis 1997-2002-nji ýyllar aralygynda yzly-yzyna 6 gezek finalda oýnapdy we şolaryň başdaky 3-sinde çempionlyk gazanypdy. Bu duşuşyk 27 ýaşyndaky Sabalenkanyň 8-nji finaly bolup, onuň 4 «Uly tuwalga» kubogy bar («Awstraliýa Açykda» 2, «Amerika Açykda» 2). Sabalenka «Awstraliýa Açykda» 2023–2024-nji ýyllarda çempion bolup, ol geçen ýyl amerikaly Medison Kiýzden, bu ýylam Rybakinadan ýeňildi.

### Nadalyň taryhy rekordyny täzeledi

● Erkekleriň arasyndaky finalda sanawyň 1-nji belgili tennisçisi, ispaniýaly Karlos Alkaras bilen 4-nji basgançakdaky, serbiýaly Nowak Jokowiç duşuşdy. 3 sagat 2 minutda tamamlanan finalda haýsy tennisçi ýeňiş gazansa-da, taryhy çempionlyga ýetmelidi. Netijede, 4 setde tamamlanan finalyň ýeňijisi Alkaras boldy. 1-nji setde Jokowiç 6:2 hasabynda üstün çykdy. 2-nji setde-de şol netije hasaba alnyp, ýöne bu gezek Alkaras ýeňiş gazandy. 3-nji setde 6:3 hasabynda ýeňiş gazanan tarap ispaniýaly tennisçi boldy. Çekeleşikli geçen 4-nji setde 11-12-nji oýunlarda Jokowiçiň tagallasy duşuşygy 5-nji sete eltmäge ýetmedi we Alkaras 7:5 hasabynda üstün çykyp, taryhy çempionlyk gazandy. Ol «Awstraliýa Açykda» ilkinji çempionlygyny baýram edip, «Karýera Uly tuwalga» (Career Grand Slam) derejesine ýeten iň ýaş tennisçi boldy (22 ýaş 8 aý 27 gün). Ýagny Alkaras 4 «Uly tuwalgany» hem gazanan iň ýaş tennisçi bolup, ol watandaşy Rafael Nadalyň rekordyny täzeledi (24 ýaş). Ol ähli döwürleri hasaba alanyňda, 4 «Uly tuwalgada» hem çempionlyk gazanan 9-njy tennisçi bolmagy başardy (Fred Perri, Don Baj, Rod Lawer, Roý Emerson, Andre Agassi, Rojer Federer, Rafael Nadal, Nowak Jokowiç). Şeýle-de, bu onuň 7-nji «Uly tuwalga» çempionlygy bolup, ol «Amerika Açykda» 1 (2022), «Wimbledonda» (2023, 2024) hem-de «Fransiýa Açykda» (2024, 2025) 2 gezek ýeňiş gazandy.

Ýeri gelende bellesek, Alkarasdan öň Federer bilen Nadal hem «Awstraliýa Açykdaky» ilkinji çempionlyklaryny 22 ýaşynda gazanypdylar. Şol sanda Alkarasyň häzirki wagtda esasy bäsdeşi Ýannik Sinner hem bu ýerdäki ilkinji çempionlygyny 22 ýaşynda gazanmagyň hötdesinden geldi. Alkaras ussatlar bilen deňeşdirilende, 22 ýaşynda Nadalyň 4, Federer bilenem Jokowiçiň 1 «Uly tuwalga» kubogy bardy.

«Awstraliýa Açykda» 10 çempionlygy bolan Nowak Jokowiç ilkinji gezek finalda ýeňlişe sezewar boldy. Ol 38 ýaşynda «Awstraliýa Açykda» finala çykan iň ýaşuly, şol sanda «Uly tuwalgalarda» finala çykan iň ýaşuly 2-nji tennisçi hökmünde hasaba alyndy. Jokowiç 81-nji gezek «Uly tuwalga» ýaryşyna gatnaşyp, bu ugurda Rojer Federer bilen Felisiano Lopesiň rekordyna şärik boldy. 21-nji gezek «Awstraliýa Açykda» çykyş edip, bu ugurda-da Federeriň rekordyny gaýtalan Jokowiç çärýek finalda «Awstraliýa Açykdaky» 103-nji ýeňşini gazanmak bilen Federeriň rekordyny täzeledi. 24 «Uly tuwalganyň» eýesi bolan Jokowiç 25-nji kubogy üçin çykan 2 finalynda-da ýeňildi. Ol 24-nji çempionlykdan soň 5 gezek (4-si geçen ýyl) ýarym finalda garşydaşlaryndan asgyn geldi.

«Awstraliýa Açykda» 2013-nji ýyldan soň ilkinji gezek öňdäki 4 tennisçi-de ýarym finala çykmagy başardy. Jokowiç ýarym finalda soňky 2 ýylyň çempiony Ýannik Sinnerden üstün çykdy. Alkaras bolsa germaniýaly Aleksander Zwerewi 5 sagat 27 minutlap dowam eden oýunda 5 setiň netijesinde ýeňlişe sezewar etdi. Bu duşuşyk ýaryşyň çäginde iň uzak wagtlap dowam eden 3-nji duşuşyk diýlip bellige alyndy.


## TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

## Hormatly raýatlar!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplaryň okuw we gündelik çykdajylary üçin «VISA» we «Master Card» bank kart hasaplaryna manat serişdelerini onlaýn görnüşde özbaşdak goýmaga hem-de erkin daşary ýurt puluna öwürmäge mümkinçilik döredýän «Onlaýn halkara töleg» hyzmatyndan peýdalanmaga çagyrýar.

Tölegi onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin raýatlarymyz bir gezeklik banka gelip, degişli resminamalary getirenden soň, bank işgäri tarapyndan internet arkaly ähli sazlamalar ýerine ýetirilýär. Şeýlelik bilen, bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Internet-bank» bölümçesi arkaly hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilersiňiz.

**Hormatly ildeşler!** «Onlaýn halkara töleg» ulgamy hyzmatyndan peýdalanmak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da onuň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:**
(+993 12) **44-03-04**, (+993 12) **44-35-74**
Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynda ýerleşdirilen.